TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

professor A. Esenow

# “Şähergurluşygyň we etrap taslamasynyň esaslary”

**Hünäri:** “Binagär”

**Aşgabat 2010**

## Sözbaşy
## Bölüm 1. Etrap taslamasy

Dersiň esaslary, düşünjeleri, terminleri we olary kesgitlemeler. Etrap taslamasynyň maksady we meseleleri.

**Ilaty ýerleşdirmegiň emele gelmeginde esasy kanunlary.** XX asyrda ilaty ýerleşdirmek we urbanizasiýa, esasy tendensiýalar we progresiň parametrleri. Ilaty ýerleşdirmegiň sozial-yktysadyýet we tehnologiki esaslary. Durnukly ösmegiň konsepsiýasy edil XXI asyrda ilaty ýerleşdirmegiň ulgamyny uýgunlaşdyrmak we şäherleri täzelemek edil täze asyryň şähergurluşyk meseleleri hökmünde.

**Önümçiligi we ilaty ýerleşdirmegiň bitewiligi** işçi güýçleriň ösmeginiň esasy tendensiýasy Türkmenistan we daşary ýurtlarda. Habargeçiriji tehnologiýasynda we yktysadyýet prosesslerde integrasion hadysalaryň güýçlenmegi. Şäherleriň we etraplaryň şäherguryjy barşynyň emelegemeklerinde ýüze çykýan üýtgeşikler. Ylmy talaply we habargeçiriji tehnologiýalarynyň ähmiýetiniň güçlenmegi. Döwrebap şäherde we ilaty ýerleşdirmede hyzmatyň ösmegi we onyň täze görnüşleriniň emele gelmegi.

**Ilaty ýerleşdirmegiň tebigy –landşaft esaslary.**

W.I.Wernadskiniň Noosfere barada taglymaty. Jemgyýetiň we daş gurşawyň durnukly düşünjesi näme? Urbanizasiýanyň, jemgyýetiň we tebigatyň özara sazlaşykly (sbalansirowanly) ösmegiň prinsipleri we ugurlary.

Ilaty ýerleşdirmek ulgamynda özara sepleşiklilik we tipologiýa. Ilaty ýerleşdirmede şäher we oba görnüşleri we onyň formalary. Türkmenistanda şäher aglomerasiýasy. Etrap taslama tejribesi.

Ruhy medeni baýlyklarymyzy, ýagny taryhymyzy, Beýik şahsiýetleriň mirasyny hem-de siwilizasiýa prosessleri aňlama we täze medeni baýlyklara – Täze Galkynyş we Özgertmeler Eýýamynyň döredijiligine gelejekki binagärleriň durkydyr.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär. Okuw kitaby Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarmaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.

## 1. Etrap taslamasynyň usuly esaslary

### 1.Urbanizasiýa we şähergurluşyk

Urbanizm we geografiýa. Şäher nazaryýetiniň emele gelmegi (mifiki, antiki, klassiki we häzirki zaman şäherler.

Meýilleşdiriş we jaý toplumyny gurnamak dersiniň durmuşa geçmegi. Territorial meýilnama häzirki zaman şäheriň nazarýeti.

**Siwilizasiýa** – bu adamy adam, edýän akylyň, estetik tolgunmalaryň, gymmatlyklaryň yryma öwrülen dünýäsidir. Adamzadyň mynasyp ýaşamagy üçin öz gaýratyňy, güýjiňi we ukybyňy sarp etmegi esaslandyryjy durmuşymyzdan gorkyny, wagşyçylygy, uruş-sögüşleri ýok etmekdir.

Yslam dünýäsiniň siwilizasiýasynda demokratiýa, söz erkinligi we adam hukuklary ýaly gymmatlyklar öz ornuny tutýar.

### Urbanizm we geografiýa

Şähergurluşygyň we etrap taslamasynyň esaslary bilen tanyşmak üçin iň gadymy şäheriň emele gelmeginden başlap, tä XXI asyryň başlaryna çenli häzirki zaman global urbanizasiýa şertlerinde şäheriň binagärlik – meýilleşdiriş ösüşine gysgaça syn etmegimiz zerur.

Ilatyň syklygynyň kartasy tebigy – geografiki şertleriň ilatyň ýerleşmegine we şäheriň döremegine uly täsiriniň bardygyny görkezýär. Demirgazyk ýarymşaryň derýalarynyň, kölleriniň we deňizleriniň kenarynda ilat has syk ýerleşipdir. Gadymy siwilizasiýanyň ojaklary we ilkinji şäher Nil, Tigr we Ýefrat, Ind we Gand, Ýansyz we Huanhe derýalarynyň boýunda döräpdir. Häzirki döwre çenli hem bu ýerler ilatyň iň syk ýerleşen ýerlerdir. Ýewropanyň we Hytaýyň häzirki zaman şäherleri urbanizasiýanyň aňry çägine golaýlaşdylar. Bu şäherde ýer şarynyň ilatynyň üçden bir bölegi ýaşaýar.

Iň gadymy afro-aziat düşünjelerine görä şäher meýilnamanyň ideal formalary ýönekeý geometriki figura, ýagny tegelek ýa-da inedördül bolmaly.

**Platonyň pelsepi** ýazmagyna görä mifiki Atlantidanyň meýilnamasy gury ýerdäki we suwdaky tegeleklerden hem-de olary kesip geçýän köprülerden we kanallardan ybarat bolupdyr. Her tegelegiň daşynda gorag diwary we göni geçmek üçin derwezeli diňler bolupdyr. Merkezinde akropol, onuň üstünde bolsa köşkler we ybadathanalar bolupdyr.

**Gadymy Hytaýyň** şähergurluşyk kanonlaryna laýyklykda dürli ululykdaky inedördül meýilnamasy şäherleri 125x125 m ölçegli kwartallara bölünipdir. Bu ululyk hem "li" dilip atlandyrylýan ýer ölçeginiň ulgamyna öwrüldi.

XV asyrda Ýewropaly awtorlaryň köpisi, has hem A.Filarete we F.Martini öz nazaryýet traktatlarynda Platonyň şähergurluşyk pikirlerini özgerdipdirler we üstüni goşmaça goşantlar bilen doldurypdyrlar. Olaryň düzen ideal şäherleriniň meýilnamasy tegelek däl-de, köpburçly bolupdyr, köçeleri radial, tegelek we spiral

görnüşinde bolupdyr. Şäher depe görnüşinde bolup, onuň iň beýik ýerinde ybadathana ýerleşdirlipdir.

XVI asyryň şähergurluşyk nazaryýetleriniň käbirleri, şol sanda P.Katanýa Rimiň ideal şäherleriniň inedördül planyny bastionlar we köpburçly daşky diwar bilen birlikde ulanmagy teklip etdi.

XX asyryň başlarynda Ýewropada, Amerikada we beýleki kontinentleriň territoriýasynda ulag setiniň we energetiki kommunikasiýalryň durmuşa girizilmegi netijesinde öňki şähergurluşyk ideallary üýtgedi. 1898-nji ýylda E.Goward "şäher-bag" ulgamynyň işläp çykardy. Olaryň meýilnamasy tegelek bolup, diametr 1 km töweregi, daşyny bolsa, gala diwary we garym däl-de, demirýol aýlawy we senagat kärhanalary gurşap alýar. Bu tegelegiň içinde merkezi seýilgäh we pyýada ýörelýän tegelek alleýa ýerleşipdir.

Bu şäherleriň hersinde 30 müň ýaşaýjysy bolup, olar 60 müň ilaty merkezi şäheriň daş-töwereginde toplum bolup ýerleşipdir. Kiçi şäherler biri-birinden 3-4 km daşlykda ýerleşýär. Bu şähergurluşyk gipoteza häzirki zaman etrap taslamasynyň we şäherleriň aglomerasiýasynyň nazaryýetinde ilkinji ädim boldy.

XX asyryň 1920-1930-nji ýyllarynda ösüp gelýän merkezleriň töwereginde sputnik (hemra) şäherleri ýerleşmegiň nazryýet modiliniň köpsi döredildi. Muňa R.Enwiniň we R.Uitteniň aglomerasiýa shemasyny mysal getirip bolar. Birinjisiniň merkezi böleginiň inedördül meýilnamasy bolup, oňa radial ugurda sputniki şäherler ýerleşdirilen we bir uly senagat zolagy bar. Ikinjisiniň tegelek awtoýoly bolup, bu ýol taryhy ýadronyň we senagat etraby, şeýle hem aýlaw demir ýoluny, onuň ugrunda ýerleşen şähereteklerini we aýratyn kärhanalary öz içine alýar.

1930-nji ýylda W.Kristaller tarapyndan işlenip çykarylan "merkezi ýerleriň" diagrammasy ilaty ýerleşdirmegiň we häzirki zaman Ýewropa aglomerasiýanyň iýerarhiki prinsipi ýüze çykardy derejesini – obadan uly şähere çenli – öz içine alýar. Her şäheriň täsir ediş zonasy onuň ulylugyna we ilatynyň sanyna baglylykda 4-den 40 km-a çenli radiusa deň, ýagny pyýada ýa-da ulagda bir sagatda geçip boljak ýola deň .

1940-nji ýylda şähergurluşygyň nazaryýetçisi, birnäçe durmuşa geçirilen taslamalaryň awtory Eliýel Saarineniň "Şäheriň organiki demerazleşmesi" atly shemasy emele gelen ägirt uly şäheri bölekleýin meýilleşdirmegiň real mümkinçiliklerini görkezýär.

Ilki bilen köneleşen, derege ýaramajak binalary ýykmagyň hasabyna şäher ýadrosynyň töwereginde açyk giňişliler döredilýär, şol bir wagtyň özünde şäheretek zolagynda täze ýaşaýyş etraplary döredilýär. Birnäçe on ýyllyklaryň geçmegi bilen has giçki gatlaklardan arassalanan aýratyn taryhy merkezli şäher meýilleşdiriş merkezleşdirilen strukturasy emele gelýär, onuň daşynda çetki etraply merkezden aýyrýan üznüksiz gök bar. Şäheriň binagärlik – meýilleşdiriş ösüşiniň şeýle maksatnamasy häzirki XXI asyrda-da örän ähmiýetlidir.

Tegelek meýilnamasy ideal "şäher-baglaryň" ençemesi nazaryýeti urabanistler tarapyndan teklip edildi. Şeýle jikme-jik işlenen 60 müň ýaşaýjyly täze şäheriň tegelek meýilnamasyny 1960-nji ýyllarda L.Kibl nusgalyk taslama hökmünde işledi.

1,2 km radiusly aýlaw ýoly içki 7 sany deň bölünen sektoryň daşky çägi bolup, olaryň 6-sy jübüt-jübütden birikdirlen. Olar ýaşaýyş etrby, biri bolsa, senagat sektory. Meýilnamada trapesiýanyň şekili bolan içki ýol merkeziň çägi bolup hyzmat edýär, we onuň burçlarynda aýlaw çatryklar bolup, .olar radial geçelgeler bilen daşky aýlaw ýoluna birleşýär.

Şäher merkezi pyýadalar we awtoduralgalar üçin niýetlenip, awtoduralgalar söwda kwartallarynyň howlularynda ýerleşen. Jemgyýetçilik we kontora jaýlary 2-3 gatly bolup, olar daşky perimetriň ugrunda goýylan köp gatly wertikallar bilen kontrakt emele getirýär.

Şol bir awtor şäher we etrap taslamasy boýunça okuw kitabynda ýeriň tebigy we topografiki şertlerine baglylykda şäheriň ösüşiniň esasy binagärlik – meýilleşdiriş formalaryny kesgitledi.

Olar: "ýyldyz görnüşli" – düzlükde ýerleşen şäherler üçin häsiýetli, täze şäheretekleriniň daşky radial ýolunyň ugrunda döremegi, soňra bu ýollaryň arasyndaky sektorlaryň boş ýerinde ýerleşdirmek;

-"merkezili" –ilaty ýerleşdirmegiň iň gury we iň ykjam mümkinçiligi, merkezden çete çenli deň daşlykdaky şertler;

-"bir ugurly" – derýalaryň boýunda we dag eteklerinde ýeriň relýefi bilen kesgitlenilýär, şeýle-de ýollaryň ugry bilen gabat gelýär;

-"bölekleýin" – köplenç şäheriň çetindäki etraplara, şeýle-de ýuwaş-ýuwaşdan bir bitewi aglomerasiýa birigýän şäheretekdäki obalara mahsus;

-"wertikal" – jaýlaryň gat sanynyň köpelmegi we şäherde ilatyň örän syk ňýerleşdirilmegi bilen emele gelýär, bu bolsa köplenç darlyga we ulagyň artykmaçlygyna, şeýle-de taryhda emele gelen şäheriň binagärlik keşbiniň ýitirilmegine getirýär.

T.Garnýe 1899-nji ýylda Parižiň sungat mekdebini gutaryp okuwdaky üstünlikleri üçin "Rim premiýasy" bilen sylaglandy. Emma adaty antik nusgalary öwrenmegiň we gaýtalamagyň deregine, 3 ýylyň dowamynda işläp, 1904-nji ýylda 35 müň ilaty " Senagat şäheriň" ideal taslamasyny düzdi. Täze şäher Ronanyň korpuslar diňe bir keseligine birikdirmän, eýsem birnäçe ýarusly hem edilipdir, göýä " wertikal şäher-bagy" emle getirýän ýaly.

Şäher merkezi şäher hereketiniň ähli görnüşleriniň düwüni bolup, olar 6 derejeden ybarat:

- ýeriň üstünde – aerodrom;
- onuň aşagynda, estakada-da – ýollar we awtoduralgalar;
- ýeriň ýüzünde – pyýadalar;
- ýeriň astynda – metro;
- ondan aşakda – şäheretek stansiýa;
- ondan hem aşakda – daş aralyga gatnaýan otlular için wokzal.

Le Korbýuzýe 1935-nji ýylda "Güneşli şäher" atly täze binagärlik makstnamasyny çap etdi. Bu ýerde ol Ýewropanyň we Amerikanyň häzirki zaman äpet şäheriniň kenaryndaky Lionyň şäheretek situasiýasyny ýatladyar.

Baş meýilnama derýanyň boýunda ýerleşen kiçiräk taryhy şäheriň çetlerini öz içine alýar. Şäheriň günorta çägine demirýol trassasy birigär, onuň aňyrsynda senagat etraby ýerleşen. Taryhy ýadrodan günbatara tarap esasy magistlaryň

ugrunda täze jaý toplumy taslanyldy. Şäheretek zologunda baglar, seýilgähler, sanatoriýalar, fermalar, plantasiýalar, suwelektrostansiýa we käbir “arssa” kärhanalar ýerleşdirlen.

Köp sanly çyzgylar, perspektiwalar kandşaft aýratynlyklaryny, şeýle hem ilaty ýerleşdirmegiň we meýilleşdirşiň usullaryny açyp görkezýär.

T.Garnýenyň urbanistik konsepsiýasy talyplyk işi bolsa-da, “Täze bingärligiň halkara kongressynyň” deklorasiýasynyň (CIAM) 1928ý, şeýle-de “Afina hartiýasynyň” 1933ý. göwnünden turdy we häzirkizaman şähergurluşygyň ösüşiniň ugurlary kesgitledi.

“Afina hartiýasynyň” awtorlarynyň biri Le Korbýuzýe 1922ý. 3 mln ilaty “Häzirkizaman şäheriň” ideal taslamasyny düzdi. Baş meýilnama demir ýoluň ugrunda ýerleşen 2 mln ilatly birnäçe “şäher-baglary” öz içine alýar. Bütin şäheriň ýeke bir senagat etraby bolup, ol 3x3 km inedördül ýeri tutýar.

Şäheriň birmeňzeş gönüburçly kwartallaryny magistral kesip geçýär. Ýaşaýyş dag kwartallaryny tankytlap, öz “wertikal şäher-bagyny” teklip etdi. Bu şäheriň territoriýasynyň 88%-de hiç hili gurluşyk bolmaly däl-di.

Le Korbýuzýenyň 1945-nji ýylda ýazan “ilaty ýerleşdirmegiň 3 görnüşi” atly konsepsiýasyndan ybarat. Oňa laýyklykda magistral ulag tory şäher emele getiriji karkas bolup hyzmat etmeli we ilaty ýerleşdirmegiň görnüşleriniň aşakdaky klassifikasiýasyna laýyklykda:

-“agrar önümçiligiň birligi”, oba ýa-da ferma biri-birinden 4 km aralykda, pyýada barmak mümkinçilikli;

-“meýdanlaryň tehniki merkezi”, oba ýerinde ýerleşip, 50 km çenli aralykda, ulag bilen barmak mümkinçilikli;

-“senagat önümçilikli bir ugurly şäher”, parallel ulag kommunidasiýasynyň – demirýol, awtomobil we suw – iki tarapyndan döredilen;

-“maddy we ruhy çalşygyň radial – aýlaw şäheri” (söwda, ylym, sungat), ulag magistrallarynyň çatrygynda, merkeziň töwereginde ösýär.




**W. Kristallar. Şäherara täsir ediş zolaklaryň ideal shemasy (1933)**


0 – начальное состояние
10 лет
20 лет
30 лет
40 лет
50 лет

## XX asyrda ilaty ýerleşdirme nazaryýeti

• Le Korbýuzýeniň ilaty ýerleşdirme garaýşy.

P.Geddesiň (“Şäherler ösmekde”) kitabynda ilaty ýerleşdirmek nazaryýeti barada düzen leksiýasynda siwilizasiýanyň esaslandyryjylaryny kesgitleýär: ýer we nagmalar – ösümlikler we suw, bular bolsa şäheriň we onyň ulgamynyň emele gelmegini we osmegini esaslandyryjylardyr. Ýokardaky maglumatlaryň esasynda P.Geddes “Durmuş kartasyny” düzen (1915ý.). Kartada düzip ony yzy giderli prosess hökmünde işläp çykardy.

Şäher medeniýetiniň ösmeginiň siklleri: (tebigat tejribe); “hereket” (oba, kiçi, şäher); “hadysa” (mekdep, tebigat, tejribe); “öňde goýulýan pikir (zamysel) “(kabinet, edara); “Döretmek” (uniwersitet, uly şäher). Ýokardakylara görä adamyna durmuşyny, onyň aňyny we jemgyýeti kesgitleýän düşünjeleri:

– “ýönekeý durmuş”;

– “durmuşy oýlanma”, orun, iş, halk, pikirlenmek, tejribe, duýgy;

– “içkidünýäň dolylygy”;

–“idealizmiň” hemme görnüşlerini öz içine alýar: pelsepe, nazaryýet, doktrina, ylym, taslama, ýazuw;

– “Durmuşa janly gatnaşmak” – muňa 9 gumanitar düşünje girýär we “binagärçilik” bilen tamamlanýar. Batlandyryjy we bir pursatda netijelýjiler – tebigat, adam, jemgyýet, binalar, torlar; “dersler” – ykdysadyýet, syýasat, sosiologiýa, tehnika, medeniýet; faktorlar we funksiýalar – ilatyň sany, şäheriň ähmiýeti, fiziki ulylygy, topografiýa. Elementleriň wagtyny ýa-da olaryň merkezini we “ekisfiki” dersiniň kesgitläp, onyň awtory tebigaty we senagaty ömürlik derejede diýip ynanaýar.

Ol öz garaýşynyň esasy terminlerini amatly bola töweregiň hil tarapyny göz öňünde tutyp, adamzadyň “kakotopiýadan” (erbet ýaşaýyş gurşawdan) “utopiýaň” üsti bilen (adamyň göz öňünde tutýan töweregi) “ýewtopiki” (iki amatly töwerek) töwrege geçmegini. Ol ýenede ylymda täze düşünjeleri hem teklip etdi –“konurbasiýa” we “konglomerasiýa”. Soňky düşünje häzirki zaman şähergurluşygynda şäher aglomerasiýasy hökmünde ullanylýar.

Konstantinos Doksiadis (grekleriň binagäri) 1961ý. Başlap “ekistika şkalany” şähergurluşyk işlerinde ullanyp, ony grafiki tor görnüşde işläp çykardy. Onyň 5 gorizontalynda “elementler” ýerleşýär, onyň 15 sany wertikal taraplary bolsa –“enistikanyň ölçegleri”, ýagny her hili görnüşleri – bir otagdan tä dünýä derejesinde köp milliardly şähere çenli. Bu esasynda düzülen çyzgylar, binagärligi, edil P.Geddesiňki ýaly, iki ýokary derejedäki döredijilik, hökmünde garalman, ýöne bir san ýaly we şäher derejesinde daşa çykarmaýar we olary hemmesi belli bir standarta getirýär.

K.Doksiadis, haçanda etrap taslamasyny işlenilende, “adamyň” durnukly masştaby dinamiki masştaba geçýär, edil döwrebap tehniki we mehanizmler ýaly.

1959-nji ýylda K.Doksiadis “Dinapolis” ady bilen belli bolan şäheriň ösüşiniň binagärlik-meýilleşdirişiniň nazaryýet shemasyny işläp düzdi. Onda tegelek meýilnamasy şäheriň bir ugurda öwürmek üçin ony merkezi ýadrodan

bir tarapa ösdürmek teklip edilýär. Merkeziň kompozision ähmiýetini saklamak üçin bolsa, ony garşylykly tarapa-da azrak ösdürmeklige ýol berilýär.

1968-nji ýylda K.Doksiadisiň "Ekistiki: ilatyň ýerleşişi batadaky ylma giriş" kitaby çykdy. Onda şäheriň döremeginiň şertleriniň grafiki modeli teklip edilýär. "Ekistikanyň şkalasy, "elementlerden" we "ekistikanyň birliginden" durýar. Awtor "Ekistikany" "ekumenopolis" maglumaty bilen saňlaýar. Onuň aýtmagyna görä 2100-nji ýyla çenli bütin dünýä 30 metrd ilaty bitewi bir şähere öwrülmeli. Şol döwre çenli "ekumenanyň" (ýaşap bolýan gury ýeriň) 5%-ni gurluşyk tutar. Olar okeanlaryň, deňizleriň, kölleriň, derýalaryň boýunda zolak-zolak bolup ýerleşmeli. Agrar ilat "ekumenanyň" 45% özleşdirip biler. Ýeriň galan territoriýasynda tebigy gurşaw saklanyp galmaly.



Le Korbýuzýe "Ilaty ýerleşdirmegiň üç görnüşi" (1930)

## Etrap taslamasyny döremegi

Etrap meýilleşdiriş döreýşiniň öňünden mysal getirilşi. Etrap meýilleşdiriş taslama we ylym görnüşli işi bolup durýar, has ýokary ösüş boýunça senagat we ýaşaýyş obýektlerini ýerleşdirmekde, we territoriýany ulanmakda çylşyrymly ösüş ýollaryny geçdi. Adamlaryň territoriýany ulanmakda ýerleşdirmekligi gadym döwürlerden gelýärdi.

Territoriýanyň gurnalyşdyrylmagynyň sebäbi gurluşyk ýerlere we ilatly ýerleri saýlap almaklygy bilen baglanşykly bolup durýar, gurluşyk meýdançalary üçin, ýollar üçin we beýleki uly inžener gurnamalar üçin.

Täze döreýiş döwründe ylymyň ösüşine itergi berýär, sungata tehnika konpleks gurnamalaryň täze etraplarynyň terrotoriýa häsiýetnamalary mahsusdyr.

Bu ýerde 15 asryň ahyrynda düzülen territoriýanyň gurnama elkizi barada aýdylýar, italýän geni, we alym inžener we hudožnik Leonarda Dawinçi barada aýdylýar. Taslama ösüş gurluşyk sistemasynyň üstünde işlendi. Demirgazyk Italiýada Leonarda bir pikire geldi, gurluşyk ösüş sistema shemasyny diňe bir territoriýanyň beýleki elementleri bilen ara baglanşykly gurnap bolýär – şäherler bilen tokaýlar, ýollar we beýlekiler.

Daşry ýurtlardaky etrap meýilleşdirme işleri çylşyrymly meseleleriň döremegi bilen tiz ýagdaýda senagatyň ösmegine getirýär. Şäheriň ösmegi, ýeriň alyp bolmaklygy kynlaşmagyň , şäherleriň tebigatdan ilaty ýerleşdirilmekde täze formalar gözläp başlaýarlar. XX – XX asyryň başynda täze şäher gurluşyk territoriýa bilen ispaniýadan Soriýa – a – Mata, Awstriýadan K.Zitte, fransuz T.Garnýe we beýleki urbanisler ýüze çykýar, bularyň taslamasy şäherleriň ösüşini tertibe getirmekde täze şertlerde meýilleşdiriş serişdeleriň üsti bilen synanyşýar.

P. Aberkrombi arhitektor – meýilleşdirişi hökmünde uly üýtgeşmeler girizlip territoriýa we etrap meýilleşdirimegiň tejribesine – ol zonany funktsiýalamakda täze öý pikiri öldürýär, şäher gurluşyk – sistemasyny kompleks çözgüdi boýunça öz pikiri hödürledi we infrastrukturasyny we beýlekiler. Diňe P.Aberkrombi “Etrap meýilleşdiriş” diýen termini tejribe girizýär we baştutanlyk edýär hemme esasy taslamalar Angliýada, Şatlandiýada we Welista geçirilşi ýalak. Onuň özi bilen 1945 ýylda uly London diýen taslama meýilleşdirlişini düzýär. Bu gün etrap meýilleşdirmek diýilende – bu köp mekdepler we ugurlar, dürli tebigat ykdysadyýet we territoriýanyň esaslarynyň ösýän ýeridir.

Bular bilen bilelikde hemme ýurtlarda etrap meýilleşdiriş esasy ýoly bolup – gurnamak we territoriýa taýdan ulanmaklygyň ukyby – üýtgemän öňkiligine galýar. Näme, nirede we nädip gurmaly – has umumy we bilelikde soragdyr.

Dünýä tejribesi etrap meýilleşdiriş teplerine we meselelerine beýikdir bularyň köpsi giňden meşhurdyr.

1950-1960-nji ýyllarda Sibiriň etrap meýilleşdirişi uly ösüşden boldy we başgada şuňa meňzeş.

## Etrap taslamaň maksady, görnüşleri, meseleleri we obýekti

**Etrap taslamaň maksady.** Taslanyşdyrylan etrabyň territorial – hojalyk taýdan gurnalyşynyň iň amatly çözgüdini tapmak, onyň arhitektura – meýilleşdiriş strukturasyny we funksional zolaklaryny gurnamakda amatly şertleri önümçiligiň we şähergurluşygyny ösmegine, tebigy töweregi gowlandyrmak we goramak üçin, medeni we taryhy miraslary saklamagy döredýän taslama. Ýene-de esasy kompleksleýin ullanma şertlerini göz öňünde tutýar we çözülýär.

**Etrap taslamaň iki görnüşi** bar: shema we taslama. Olar biri-birinden tapawutlanýar: taslamany işläp çykarmagyň yzygiderliliginde, meýilleşdirilýän territoriýanyň meýdanynyň ululygynda, çözülýän meseleleriň aýratynlyklarynda, aýry meseleleriň çözgüdiniň çuňňurlyklygynda.

**Etrap taslamaň esasy meseleleri:**

(Döwletiň, welaýatyň, etraplaryň) tebigy, territorial we zähmet resurslaryny anyklamak; olaryň çäklerinde senagatyň, raýatyň, oba hojalygyň , ulagyň we dynç alyş ýerleriniň gurluşygynyň goýulmagyny we ösmegini islegli seljertmesini.

Territoriýanyň umumy ösmegiň kesgitleýän teklipleri, onyň funksional zolaklaryny we iň wajyp döwlet obýektleriň ýerleşdirilmekde teklipler.

Etrap taslamasynyň şähergurluşygy prognonizirlemek we taslamalaşdyrmak sistemasynda. Şu wagt döwürde ylmy taslama işleri çylşyrymly sistema düzüldi munyň dokumentasiýa dürli territoriýa derejede. Egerde bu sistemany piramida hökmünde göz öňünde tutsak onda onuň ýokarky bölegini (makraterriolnyý derejede) regional ilatlaşdyrmak işleri tutar. Piramidanyň aşagyny Mikreteritorial derejede taslama meýilleşdiriş işleri tutýar. (maştaby 1:10000, 1:500).

Bu şäherleri we beýleki ilatly ýerleriň meýilnamasy şäherleriň merkeziniň kiçi bölekleýin meýilleşdiriş, ýaşaýyş etraplary, senagat zonalaryň we şäheriň beýleki meýilleşdirmek bölekleri, şeýle hem ýaşaýyş etrapçalaryň gurluşyk taslamalarynyň we şäher gurluşyklarynyň kompleksi. Bu takyk köp we köp görnüşdäki şäher gurluşyklaryň taslama geçýär. Piramidanyň ortaky bölegi territorial derejesiniň işleri tutýar.

Bu zona hususy etrap meşilleşdirmegiň (masştab 1:25000) ilatlaşdyrmak shemasyny we şäheriň düzülýän halk hojalygy meýilleşdirmek we şähergurluşygyň taslamasyny arasynda bolýar. Etrap meýilleşdirmek işleri boýunça meýilnama – 2000 denem köp. Ähli şähergurluşyk görnüşleriniň dikligine arabaglanşygyndan ylmy taslama işlerinden daşary gorizontal arabaglanşygyna eýe bolýar territorial taslamalaşdyrmak bolýar.




Şähergurluşykda ylmy – taslama işleriň ulgamy:
1 – Ýurdyň territoriýasynda ilatly ýerleşdirmegiň baş shemasy;
2 – Ilatly ýerleşdirmegiň regional shemasy;
3 – Etrabyň taslama shemasy;
4 – Etrabyň taslamasy;
5 – Otrumly ýeriň baş meýilnamasy;
6 – Ýaşaýyş we senagat etraplaryň detalaýyn meýilnamasy;
7 – Ýaşaýyş etrapçalaryň binalaşdyrmak taslamasy.

## Etrabyň territoriýasyny subutlama

Territoriýa – etarp meýilleşdirmede düýp tutar obýekty bolup durýar. Ähli meýilnamalaşdyrş çözgüdini baglanşygy ýa-da täze dürli gurluşyk görnüşleri ýerleşdirlende, ýa-da eýýäm bar bolan obýektleri dikeldiliş işleri geçirlende, hökmany suratda territoriýanyň anyk maglumatlary gerek bolýar. Beýle maglumaty diňe territoriýany subutlama edilenden soň alyp bolýar.

Territoriýany subutlama etmekde etarp meýilleşdirmede kompleks ideginde şeýle esaslary göz öňünde tutýar, prespektiwa ugry onyň ulanylşy we rasional ýerleşdirilşine laýyk hemme hojalyk resuslaryna hasda tebigat resuslaryny ulanmakda we daş töweregi goramakda. Etarp meýilleşdirmede territoriýanyň analiri aýlandy.

Etarp meýilleşdirmek araçäginiň şonlukda tebigy şertleriň subutlama, we resuslary, hojalygyň döwre bap ýerleşdirilşi we ilatyň territoriýanyň kompleks bahasyny bermek, şeýlede hem häsiýetnamasy we meýdançalaryň sistematirasiýasy şäheriň gelejekde ýerleşişiň iri obahojalyk we rekresiýa gurluşykda.

Obýektyň häsiýetnamasy, etarp meýilleşdirmede sistema ýalak. Sistema diýip bir bitine diýilýär (bu ýagdaýda etarp meýilleşdirmegi) bölekläp bolýar belli bir böleklere aralygynda-da özüşe arabaglanşygy bolup durýär, iki tarapalaýyk göni we yzagaýtarymly aragatnaşyk bolup durýar. Häsiýetnama strukturasy, sany ysnyşykly we durumlylygy.

Ähli etarp meýilleşdirme obýekty onuň fiziki manysy – birnäçe sistema häsiýetnama eýe bolýar. Etrap ilki bilen çlyşyrymly sistema, içki dürli görnüşde we daşky göni we yzagaýtaryjy tebigy aragatnaşyk häsiýetnama eýe bolýar, tehniki sosial ýa-da aslynda kombinirlenen bolýar.

Funksionirlemek häsiýetnamasynda etrap sistemasy dinamika possesi subut edilýär, subsistemada akyp geçýän şeýlede hem olaryň ysnyşykly arabaglanşygy iki taraplaýyn.

Şeýlelikde adamzat şol bir wagtda tebigatyň sosial jandar elementy bolup durýar. Ol diňe bir antropogen subsistama täsir etmän, eýsem ony döredýärem. Şol bir wagtda adamyň tebigat subsistemasyna uly täsir degýär, eýsem onuň ýitip gitmeginde sebäpkär bolup bilýär.

Raýon – funksionirleýän sistema, munyň elemetleriniň arabaglanşygy gaýtalanýan režim düzümi örän wajyp eýsem hasda umumy ýagdaýda dinamikanyň we onda bolup geçýän hasda wajyp prosseslary prognozirleýär.

Şol bir wagta bu etrap dinamiki sistemasy bolup durýar, wagtyň geçmegi bilen ol sany we hili bilen üýtgäp bilýär, bu ýagdaýda hökmany suratda onuň serhedinede täsiri ýetýär.

Etrap serhediniň esasy kristeriýasyny anyklamak. Etrap çägi – etrap obýektiniň meýilleşdirmesi, düzgün bolşy ýaly, iň oňaýlysy adminstratiw – territorial bölünşiniň gurnalyşyny ulanmak.

Soňky etrap – adminstratiw serhediniň hasaby. Adatça etrap serhedini etarp meýilleşdirmede obýektiň administratiw çäklenmesi boýunça hasab edilýär.

Şeýlelik bilen, raýon serhedi – meýilleşdiriş obýekti hemişe has uly bolýar, onuň funksional çägi bilen deňlendi.

## Tebigy şertler we resurslar

Tebigy we emeli sredanyň umumy häsiýetnama arabaglanşygy. Etrap ulgamy çylşyrymly kompleks, öz şertleri boýunça muňa dürli tebigy elemenleri girýär. Bu kompleksiň tebigy düzüjisi çylşyrymly arabaglanşykly bolup emeli düzümde – şäher bilen senagat, obahojalyk, dynç alyş bilen we beýleki obýektler bilenem baglanşykly bolýar.

Uly şäherlerde tebigy töwerek üýtgeýärler – mikroklimaty, depeler, ýer üsti ösümlikler, howa we suw basseýin ýagdaýy. Kiçi şäherlerde, tebigy töwerek onçakly üýtgemeýär, eýsem daş töweregiň özlerine täsiri degýär. Bu ýagdaýda we meýilleşdirmede, binagärlikde ilatly nokatlaryň daş töwerekden ýaruwsyz täsirlerinden goramak zerur. Uly şäheriň tebigata degýän täsiri ilki bilenem onuň aýratyn komponentlerine (klimat, howa, suw we beýlekiler) şäheriň göwrümine bagly, onuň senagat kärhanalardan ysnyşyklygyna, binagärlik – meýilleşdirme hasap edilende, şäheriň ýeri tebigy sudurynyň ýagdaýyny göz öňünde tutulmalydyr.

Şeýlelikde, häzirki zaman şäheri tebigatdan aýry diýip bolmaýar. Tebigy şertler, etarp taslamasynda şeýle häsiýetnamalar ýüze çykýar tebigy şertleri göz öňünde tutulanda oba hojalygyň täsirinde üýtgeşmeler we halk hojalygyň ösmeginiň bahasy we onuň territoriýasyny ulanmak. Adatça şeýle tebigy şertler göz öňünde tutulýär: geomorfologiki, geologiki, klimatiki, gidrologiki, ýer we ösümlikler.

Geomorfologiki şertler esasanam relýefiň elemenleri boýunça bahalanýar onuň formasy, genetiki tipleri, çuňlygy we gyýalygy boýunça erozion bölüşi we ýeriň pesligi – beýikligi boýunça.

Geologiki şertler häsiýetlendirilýär gurluşy boýunça seredilende, sydyry, stratigrafiýa we litologiýa geokompleksyň, kanunalaýyklygy olaryň ýaýraýşy we kuwaty boýunça.

Gidrogeologiki şertler boýunça subutlama şeýle häsiýetlendirilýär suw çekiji gorizontallar ýerasty we suwlylygy, himiki düzümi. Ižener – geologiki şertler şeýle häsiýetlendirýär territoriýany etrapçalaryň inžener – geoligiki tarapdan şu şertler boýunça: geomorfologiki, geologo –litopogiki; düzümi, fiziki – mehaniki we ýeriň filtrasiýa düzümi, olaryň başarjaňlygy, döwrebap geologiki we inžener – geologiki prossesler we territoriýany suw almasy, ýeriň çökmekligi, süýşmegi olaryň ýaýraşy we köpelmegi.

Gidrologiki şertler etrabyň gidrografiki sertleriniň bahalanşyny öz içine alýar derýalaryň uzynlygyny, bentleriň we kölleriň aýnasynyň meýdany, suwyň üşýän ýeriniň meýdany, derýalaryň imitlenýän we çykdaýjy edýän suwlary, akymlaryň tizligi ygalyň ýygylygy.

Haýwanat we ösümlik dünýäsi esasy görnüşleriň ýaýraşy bilen häsýetlendirlýär, erozion prossesleriň köpelmegi bilen, ekologiki we hil taýdan

ösümlikleriň esaslary bilen, ilki olaryň gymmat görnüşleri ähmiýete eýe bolýarlar.

Landşaftlar häsiýetlendirlende olaryň köpçülikleýin dynç alyş türizm, we obahojalykda amatlylygyny. Landşaftlar gymmatlyklygy boýunça kesgitlenende tebigy gorawhanalar we aýratyn görnüşleri seýrek haýwanlaryň gaçwatalgasy bolýar.

**Tebigy resuslar**. Tebigy resuslaryň analizi –mineral çig mal, suw, tokaýlyklar, biologiki we beýlekiler olaryň sistematizasiýasy döredilýär, olaryň ulanyljak göwrümini anyklamak ilkinji nobatda we perspektiwada hasaplamak.

**Suw resuslary** şeýle bahalanýar – ähli territoriýa bilelikde ýaly şeýle-de hem onuň aýratyn tebigy zonalary ýalak, suw toplaýjy basseýinleri, esasy derýarlar we suw toplaýan ýerler. Ýer asty suwlar häsiýetlendirilýär olaryň artizian serhetlerinde we beýleki basseýinlerde, gurluşyk diýip niýetlenen ýerlerde bolsa we aýratyn şäherlerde – skwažinalardan toplanýan suwa görä.

**Tokaý resuslary** diňe bir territoriýanyň tokaý serhetleri bilen örtülenşi bilen bahalanýar.

**Biologiki resuslar** – haýwana we ösümlik dünýäsiniň genetiki fondy, harjedilýän haýwanlar, gök otuň massasy – olaryň hakyky häsiýetnamasy boýunça gözden geçirilýär we olaryň ýaýran sany boýunça görnüşleri boýunça we haýwanlaryň gürligine ýa-da 1 ga düşýän ösümligiň biomassasy boýunça.

Tebigy şertler we resuslar dürli etrap tiplerde esasy bahalanşy.

- çöllük we ýarym çöllük etraplarda esasy üns suw üpjünçilige berilýär, ýerleri suwlamak we suw almazlygyna, şeýlede hem çöllük ýerlerde ýerleşdirmekde;
- seýsmiki etraplarda inžener – geologiki we gidrologiki şertler wajyp meselesi bolýar;
- daglyk etraplarda tebigy şertleriň täsiri ýerleri özleşdirmegiň häsiýetnamasy;
- relýef anyklaýar we inžener – geologiki şertler we ilki bilenem fiziki – geologiki ýarawsyz şertleriň ýüze çykmagy – sil akymlaryň ýaýramagy garlaryň akyp gaýtmagy, opuklaryň we süýşmeleriň territoriýanyň kompleks bahalanşy.

Bahalanyş prinsipi territoriýanyň esasy bahalanyş ugury etrap taslamasynda tebigy ýaýramlygynda ýa-da territoriýanyň tebigy – tehniki kompleksini gurmak derejesi bolýar, olaryň oba hojalykda ulanyp boljak görnüşlerini anyklamak üçin. Territoriýanyň bahasy hususy ýa-da umumy bolup bilýär. Territoriýanyň kompleks bahalanşy geçirilende etrabyň ähli territoriýasy bahlanýan hojalykda wajyp meseleler göz öňünde tutulýar.

Territoriýanyň her hili görnüşdäki ulanmakda bahalanşy (gurluşykda, oba hojalykda, köpçülikleýin dynç almakda we beýlekilerde) şu görnüşleriň her haýsyna amatlylygyndadygyna göz öňünde tutulýar bulara iki gruppa faktoryň täsiri bilen tebigy we antropogen. Tebigy faktorlara degişli inžener – geologiki, poçwa – ösümlikler, klimatiki şertler. Antropogen faktorlara degişli territoriýanyň ulag we inžener üpjünçiligi boýunça.

Territoriýanyň tebigy faktorlar boýunça bahalanşy. Adatça territoriýanyň bahalanşy inženern – geologiki gurluşyga boýunça, gurluşyk – klimatiki, fiziko –

klimatiki we ýeriň gat ösümlik şertleri boýunça bahalanýar, suw resuslarynyň barlygyna we ýer asty baýlyklara görä.

Özeniň gatlaklary, gatlaklaryň şertleriniň täsiri territoriýanyň ýaramlygy gatlaklaryň göterijilik düzümi boýunça anyklanýar binalaryň we desgalaryň özeni boýunça. Gurluşyga ýarawly gatlak diýip emeli özeni gurnamak hökman däl gatlakly territoriýa girýär.

Ýer asty gatlaklaryň arasynda ýerleşýär. Gurluşyga amatly diýip suwyň derejesi emeli aşak düşürmesiz gatlakly territoriýa diýilýär, inžener şertlerini aşakda gidroizoliýasyz ýerleşdirip bolýan ýagdaýynda. Gurluşyga amatlay territoriýa çäklendirilýär haçanda ýer asty suwlaryň ýatagy 1-3m aşakda bolanda. Gurluşyga amatsyz territoriýa girýär suw ýatagyny hasda aşaga düşürmekde çylşyrymly işleri geçirilse.

Relýef esasy häsiýetnamasy – pesaşaklyk (%) ýer üstüň. Ýapynyň beýikligi fundamenti gurnamakda bahasyna täsir edýär we sokol etažlara, territoriýany meýilleşdirmekde, köçeleri ugrukdyrmada we inžener şerlerde, demir gara ýollary we ýerleşdirilende.

Relýefi tekizlemek – wajyp faktor, gurluşygyň oňaýlygyna täsir edýär, inžener desgalaryň gatlagyna, ulag komunikasiýalaryny gurmakda, territoriýanyň gigeniki ýagdaýy. Ortaça aralykda arasy 5 km. Köp bolanda territoriýa amatly diýip hasaplanýar gurluşyk üçin, 0,5 – 5km az amatsyz diýip hasaplanýar.

**Seýismiki ýagdaýy**. Gurluşygyň gymmatlanmagy 1m² ýaşaýyş meýdana düşýän bahasy 7 balda 5%, 8 balda 8%, 9 balda we ondanam ýokay – 12 % gymmatlaýar.

Süýşmek ýeriň süýşýän territoriýasyny ulanylanda, goraýjy işleri geçirilenden soň rugsat berilýär, çylşyrymlygy we bahasy diňe ýer süýşmesiniň akymyny anyklanandan soňra bilip bolýar.

Territoriýany ulag bilen üpjün etmek. Territoriýanyň üpjünçilik derejesini ulagdan kanagatlandyrmak ulagyň görnüşine bagly, tehniki kategoriýasyndan we zonanyň inine transport magistralyň täsiri boýunça.

Senagat we raýat gurluşygy üçin amatly diýip demir ýol we gara ýol magistralary I,II – derejeleri hasap edilýär, iň çäkli amatly diýip – III,IV-derejeli gara ýollar, amatsyz diýip V-derejeli gara ýollar.

Territoriýany gigiýena şertleri boýunça çäklendirilişine görä baha berip bolýar, tebigaty goramagyň soraglaryna we normatiwlerine gabat gelmegi.

**Binagärlik –Landşaft bahalanşy**

Göz öňünde estetiki häsiýetini tutýarlar tebigy antropogen landşaftlarda, düli görnüşlerde ýüze çykýarlar, şeýlede hem aýratyn görnüş duýgularyny döredýän aýratyn uly göwrümdäki landşaftlar. Landşaftyň keşp we dürli görnüşleri relýefiň ýüze çykmaklygyna bagly, peýzažlar, tokaýlyklar ýa-da park görnüşleri, uly açyk suw meýdançalar. Hemme üç komponentleri öz içine landşaft alýan bolsa onda ol landşaft düzgün bolşy ýalak amatly derejä girýär. Landşaftlary ýenede onuň oňaýly wizual duýgyny kabul edip alnyşynda şäher tarapdan seredilende-de bagly we tersine, şeýlede hem esasy ulag magistralaryň gowy görnüşinede bagly bolýar.



Territoriýany binagärlige – landşaft boýunça bahalama

1 – derýaly  tokaýly we owadan keşpli relefli (dynç almak üçin amatly);
2 – suwly we tokaýly (şähergurluşyk üçin amatly);
3 – tokaýly we owadan relýefli (dynç almak üçin amatly ýerleri);
4 – suwly we owadan keşpli relýefli (dynç almak üçin);
5 – tokaýly (gurluşyk üçin onçakly amatly däl);
6 – suwly ýerler (şähergurluşyk üçin amatly);
7 – owadn keşpli relýefli (şähergurluşyk üçin amatly);
8 – suwsyz, tokaýsyz we owadan keşpli relýefsiz (şähergurluşyk üçin amatly);
9 – şäher:
10 – derýa we suw howdanlary;
11 – töwerege äňedilýän nokatlar;
12 – bozulan landşaftlar;




1 –demir ýol;
2 –araba ýollary;
3 –ýönekeý ýollar;
4 –demir ýolyň täsirindäki ýerleri bahalama;
5 – amatly;
6 – çäginde oňaýly; awto ýollaryň týsirligindäki ýerleri bahalama;
7 –amatly;
8 –çählenen ;
9 –amatly;
10 –onçakly däl;
11 –amatly;
12 –onçakly amatly däl;
13 –amatly däl;




1-otrumly ýerler;
2-demir ýol;
3-araba ýollary (pugta düşekli);
4-derýa we suw howdanlary;
5-tokaý;
6- ýer asty baýlyklary alynýan ýer;
territoriýalar:
7-amatly;
8-onçarly oňaýly däl;
9-oňaýly däl;

### 3. Etrap taslamsynyň yktysadiýet – sosial esaslary

Zähmet we ilat resurslary. Öňki SSSR-iň territoriýasyndaky demografiki situasiýa içki migrasiýanyň uly intensiwliginde az ýogalyş we az dogulyş bilen häsiýetlendirilýär. Dogulmaklyk derejesi öňki asyrda azalyp ugrady, ýöne bu progress esasan soňky iki onýyllykda ulalyp ugrady. Dogulmaklygyň azalmagy ilatyň ösüş gurluşyna otrisatel täsir edýär. Şäher ýaşaýjylarynyň ösüş gurluşy oba ilatynyň gurluşyndan ençeme tapawutlanýar. Hem şäher hem oba ösüş strukturalary öz boluşy aýratyn regionlara bölünýärler.

Ilatyň uly şäherlere konsentirlenmeginiň dowam etmegi geljekki dogulyşyň pese düşmegine getirýär, bu bolsa ilatyň tebigy köpelişiniň peselmegine getirýär. Şäher näçe uly bolsa, dogulyş şonça pes we şonça baýlyklykda tebigy ösüşi pes. Şäheriň demografiki hakyky we kompleks ösüşiň dürli görnüşleri, umuman ilatyň we migrasiýasynyň kemelmegini ýa artykmaçlygy bilen maglumatlandyrmaga bagly esasy kynçylyklar dogulyş koefisentini tapmak bilen baglydyr. Adatça ikinji ýerli prabola görnüşine baglylykdaky usuly ulanýarlar. Ýöne bu uzak bolmadyk geljegiň netijesini berýär, wagtyň geçmegi bilen dürli faktorlaryň kömegi bilen egriçyzyk koefisenti üýtgäp durar. Demografiki metody hasaplanylanda ilaty şäher we oba görkezijilere bölünse, has hem dogry bolar. Migrasiýanyň esasynda bu topar sany üýtgäp durar (esasan obadan şähere üýtgär) we tebigy köpelişiň esasynda ýokarlanýar. Migasiýanyň ölçegine baglylykda görkezip bolar.

Zähmet balabsynyň "güýjenmeligini" ýumşatmaklygyň wajyp faktory – zähmet baýlyklarynyň täsirli ulanylmagyny üpjün edýan etraplaryň hojalyklarynyň hemme taraplaýyn we toplumly ösüşidir. Şeýle ösüş köp pudakly, senagatly ösüş bilen häsiýetlendirilen. Şu zatlaryň gatnaşygyna baglylykda geljekde şäheriň ykdysady ösüşi üçin daşdan näçe adam resursynyň gerekdigine aýtmak bolar. Emma köplenç halatlatda iri şäherleriň ilatynyň ösüş gurluşy senagat hajatlaryny doly kanagatlandyrmaýar.

Bu bolsa daşdan adamlaryň gelmegine we (stabsionar migrasiýa) senagat merkezde galmagyna getirýär. Bu akymyň ýetmezçiliginde onuň funksiýasyny "maýatnikowyýe" migrasiýasy ýerine ýetirýär.

Hemme dürli etraplara degişli aýdylyp geçrlen aýratynyklar obýektiň demografiki meýilnamasyny işläp düzülmeginde göz öňünde tutulýar. Şeýlelik bilen meýilnamalaşdyryş çözgütlerinde aşakdaky demografiki kategoriýalaryň subutnamasy we maglumaty wajyp bolup durýar.

Ilatyň sany onuň sanyny öňden kesgitlemek aşakda seredilip geçilýär, jynsy köplenç gurluşynda hojalyk perspektiw ösüşiniň baglylygy ("aýal we erkek däpli öndürijilik). Hümärment struktura, munuň aýratynlyklary-tehniki progressiň, ylmyň we öndürijiligiň mundan beýläk ösüş tempine täsir edýär.

Sosial struktura;

Millet gurluşy, hokalyk prespektiw ösüşiniň işlenişi düzülende göz öňünde tutulýar;

Ilatyň ösüşi (1000 adam üçin), tebigy we mehaniki ösüşiň üsti bilen ýüze çykýar.

Tebigy ösüş, bu – ilatyň dogulyşyň we ýogalyşyň arasyndaky tapawudy (1000 adam üçin dogulyş we ýogalyş); mehaniki ösüş – başga etraplardan migrantlar;

Ilatyň işliligi;

Şu ýokarda görkezilen demografiki barlag we maglumatlaryň esasynda iş resurslaryň problemasyny çözmäge mümkinçilik berýär.

Iş resurslary.

Şu şertlerde esasy wajyp ähmiýeti seredilýän etrapyň ilatynyň prespektiw sanynyň maglumatyna eýe bolýar, sebäbi mundan iş resurslarynyň etrap resurslary bilen bagly soraglaryň çözülmegine ähmiýeti bardyr.

Hazirki wagtda ilatyň perspektiw çözgüniň iki metody – iş barlansynyň metody we demografiki metody ulanýarlar.

**Iş balansynyň metody** – perspektiwa ilaty üç şertli topara bölmäge esaslanýar – şäherdörediji, hyzmat ediş we özüni ekläp bilmeýän. Bu toparlaryň arasyndaky bir gatnaşygy we şäherdöreýişiň berlen parametrleri boýunça hasabyny ýola gomak (dürli pudakda işleýjileriň adam sany). Etrabyň perspektiw ilatyny (müň adam) aşakdaky formula kesgitleýärler.

$$H = \frac{A \bullet 100}{100 - (B + Ç)}$$

A – ilatyň şäherdöreýiş topary, müň adam (senagat kärhanalaryň, ylmy – edaralar, daşky ulagyň kadrlary we ş.m.);

B – hyzmat ediş topar, % (medeni – hojalyk we kommunal hyzmat ediş edaralaryň kadrlary, şäher ulagy we baş.);

Ç – özbaşdak däl topar, % (çagalar, pensionerler, öý-hojalykçy aýallar).

Adatça şäherdöreýiş topar 30… 38%, hyzmat ediş topar – 18…22% we özbaşdak däl topar – 45…50% ilatyň perspektiw sanyndan durýar.

Iş balansynyň metody şäherleriň meýinamalaşdyrylyşynda giňden ulanylyp, şondan etrap meýilnamalaşdyrylyşyna geçirilýär.

Ilatyň perspektiw sanynyň demografiki metody demografiki tendensiýanyň ekstrapolýasiýa usulynda we "ýaşynyň süýşmegine" esaslanan. Soňky usul zähmete ukyply ýaşdy adam sanyny netijeleriň üsti bilen iş resurslarynda iş kadrlarynyň, ýaş sostawy etraplarda zähmetiň goýulýan ýerini giňden saýlamaklygy görnüşe getirmekligi göz öňünde tutýar, bu dürli ýaşdaky toparly zähmet baýlyklaryny oňaýly (ulanmaklygyny üpjün edýän ulanmaklyga we ýaşaýyş jaý gurluşygynyň we çagalar guramalaryň hem-de mekdepleriň gurluşygynyň degişli döwrebap talaplary bilen, erkek we aýal zähmetiniň balansirlenen ulanylmasyna täsirini ýetirýär, halk hojalygynyň kardinal düzülişinde senagatda eýelenen paýyň uly we dowamatly peselmesine garaşylmaýar, bu bolsa gelejekde-de onuň etrap – we şäher emele getiriji roluny öňünden kesgitleýär.

Etrap meýilleşdiriş taslamalaryny we çatgylaryny işläp taýýarlamada senagat önümçiliginiň sferasynda has wajyp meseleler senagat pudaklarynyň we aýry iri kärhanalaryň ugurlary we ösüş ölçegleri bolup durýar.

Şol etrapda senagaty ýerleşdirmegiň we ösüşleriniň meselesini çözmekde indiki wajyp faktorlara üns berilýär:

Çig – mal, ýangyç, energiýa çeşmelerine, taýýar önümleri sarp edýän etraplara, suw baýlyklaryna golaýlaşma;

Zähmet baýlykary (şol sanda ylmy – tehniki kadrlaryň bolmagy);

Tebigy şertler we adamlaryň ýaşaýyş şertleri (şol sanda sarp ediliş esbaplaryna we hyzmatlara harajatlar, fiziologiki we psihologiýa faktorlary);

Senagaty we ilaty ýerleşdirmegiň ňeýilleşmegiň we inžener – gurluşyk şertleri (şol sanda territorial baýlyklar, degişli suw howdanlaryny, peýdaly gazylyp alynýan känleriň ýyladylyş zonalaryny, tokaý massiwlerini ýerleşdirmek, sanitar arassaçylyk şertleri, suw üpjünçiligi şertleri, akymly suwlary arassalamak we taslamak we ş.m.);

Etrabyň infrastrukturasyny senagat gurluşygyna taýýarlamak şerti we derejesi:

Senagat önümçiligini toplumlaşdyrmak we göçürmeklik şertleri. Senagat toplumlarynyň esasy parametleri etrabyň takyk şähergurluşyk şertlerine, onuň zähmet baýlyklarynyň balansyna, suw sarp edilmeginiň we suw äkidilmeginiň mümkin bolan göwrümlerine, elektroenergiýanyň, ýangyjyň, gazyň bar bolan baýlyklaryna, zerur bolan meýdançalaryň barlygyna, sanitar – gorag zenalarynyň ölçeglerine we ş.m. gabat gelmelidir.

Agaç işleýji we himiýa senagatyň 5…15 müň eýelenen sany we 100…300 ga territoriýaly bazasyndaky toplumlar sanitar zyýanlygynyň orta derejesi eýedirler we olarda bu şertler boýunça senagatyň goşmaça ýerleşdirilmegi maksada laýyk däldir.

Agzalyp geçilen topardaky toplumlaryň ýerleşdirmesine talaplar mydamalyk bolup galýarlar, sebäbi önümçilik tilsimaty üznüksiz kämilleşdirýär, we kärhananyň oňaýly kuwwatlyklary üýtgeýär.

Öz nobatlarynda önümçilik aragatnaşyklary bilen birleşdirilen birnäçe ýakyn ýerleşen senagat toplaryny.

Senagat komplekleriniň häsiýetnamasy

| Kärhana toplary | Häsiýetli öndirijilik | Meýdan ölçegi ra | Zähmet çekijileriň sany müň adam. | Sanitar -gorag zonasy nyň ini km. | Gözbaş suwlarynyň hapalanmag yň derejesi. |
|---|---|---|---|---|---|
| I | Himiýa, gara we reňkli metallurgiýa | 500…1000 | 20…30 | 3…15 | Örän uly |
| II | Agyr, ulag, energetika,! Oba-hojalyk maşyngurluşyk | 100…300 | 20…30 | 1…2 | Orta |
| III | Agaçöndüriji we himiýa senagaty (orta masştably) | 100…300 | 5…15 | 3…7 | Ep-esli |
| IV | Maşyngurluşyk we ýeňil senagat | 20…200 | 5…15 | 0,5…1 | ujypsyz |
| V | Sement senagaty, stroýindustriýa iri bazasy, iri etkombinaty | 20…50 | 2…5 | 2…5 | Ep-esli |
| VI | Enjamgurluşyk, iýmit senagat | 20…50 | 2…10 | 0,5 | pes |

Geografiki nokarlaryň we takyk meýdanlaryň saýlawy täze senagat kärhanalary we senagat toplumlary üçin – özara esaslanan meseledir. Olaryň çözülmesi warianty geçirilýär.

Mümkin bolan taslama adatça faktorlaryň giňden hatary boýunça bahalandyrýarlar: çig maly we ýangyjy almagyň we getirmegiň öz-özüne düşýän gymmaty, ýarym fabrikatlaryň we şaýlaryň elektroenergiýanyň öndürilişiniň we geçirilişiniň, kärhanalarnyň, suw üpjünçiliginiň we kanalizasiýasynyň önümleriň önümçiliginiň onuň sarp ediliş merkezlerine getirilmeginiň öz-özüne düşýän gymmatlary we ş.m., senagatdaky düýpli goýumlar energetiki, ulag we sanitar – tehniki gurluşyk, şähergurluşygyna we hojalygyna düýpli goýumlar we ş.m.

Gutarnykly hasapda her wariant üçin senagata, ulaga we şäher gurluşygyna düýpli goýumlaryň tutuş jeminiň we on ýyllyk döwür üçin degişli ulanylyş çykdaýjylarynyň hasaplanmasyny geçirýärler. Wariantlaryň goýulmasyny diňe bir tehniki-ykdysady görkezijiler boýunça däl-de, eýsem şol etrapdaky aýgytlaýjy bolup biljek gurluşygyň sosial we ykdysady şertleri boýunça-da geçirilýärler.

## Agrosenagat toplumy

Oba hojalygy – material önümçiligiňiň öňde baryjy pudaklarynyň biridir. Ol ilaty iýmit önümleri we ýeňil hem-de iýmit senagaty üçin zerur bolan çig-mal bolan üpjün etmelidir. Häzirki zaman wagtda oba-hojalygynyň toplumy ösüşi we onuň bilen bagly senagatyň ösüşi, ýeke täk agrar senagat toplumynyň görnüşe gelmegi aýragoýulmasyz wajyp ähmiýete eýedir.

## Tokaý hojalygy

Tokaý hojalygy – spesifiki pudakdyr, onuň meselesine ýurduň giň agaçlyk zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin tokaý ösdürip etişdirmeklik girýär. Tokaý şeýle-de ekologiki, gigiýeniki sosial we estetiki funksiýalary ýerine ýetirýär. Tokaý ösdürip ýetişdirmegiň dowamlygy, onuň wagt boýunça üýtgemegi we onuň peýdaly häsiýetnamalaryna mahsus bolan köp görnüşliligi, tokaý önümçilik meýdanlary meýilnamalaşdyrmaklyga aýratyn talaplary bildirýär.

Gelejekde ýaş tokaýlary oturtmaklyk bilen baglanşykly hödürnama doly çäkde diňe hasaplanan möhletden ukyply giç amala aşyrylyp bilner. Şeýle-de tokaýlaryň görnüşleriniň mümükin boldygyndan üýtgedilmesine, derejesine we beýleki häsiýetnamalaryna taslama hödürnamalaryny işläp taýýarlamaklyga takmynlaşmak gerekdir.

## Gurluşygyň önümçilik bazasy

Gurluşyk toplumy – gurluşyk materiallarynyň we şaýlarynyň we gurluşyk gymatlyklarynyň kärhanalarydyr – etrabyň halk hojalygy toplumynda aýratyn orny eýeleýär. Gurluşyk toplumynyň işinde köplenç etrap meýilnamalaşdyrylyşynda taslama hödürnamalaryny üstünlikli amala aşyrylmagy baglydyr, sebäbi halk hojalygy pudagyndan başga ählisi onuň göniden – göni gatnaşmagynda ösýär.

Etrap meýilnamalaşdyrmasynda gurluşyk industriýasyny ösdürmek boýunça hödürnamalar öňe sürülýär, kärhananyň gurluşyk bazalarynyň görnüşleri, düzümleri we kuwwatlylygy, olaryň ýerleşiş punktlary kesgitlenilýär. Demokratiýanyň, sosial institutlarynyň ösüşi, ilata hyzmat ediliş sferasynyň giňelmek çägi boýunça önümçilikli däl sferanyň roly has köp ösýär. Etrap meýilleşdirmeginde etrabyň halk hojalygynyň toplumynyň ösüşine we ýerleşişine territoriýanyň meýilleşdiriş gurnalmasyna has uly çäkde täsirini ýetirýän, önümçilikli däl sferanyň görnüşleri we pudaklar ýeterlikli doly islenilýär.

## Ylym we ylmy hyzmat ediliş

Jemgiýetiň ösüşiniň döwrebap etapynyň iň wajyp aýratynlyklarynyň biri ylmyň we derňewiň netijeleriniň tejribe taýdan amala aşyrylmasynyň jemgiýetçilik ösüşiň wajyp faktorlary bolýanlygy bolup durýar. Ylmyň we önümçiligiň integrasiýasy ylmyň jemgyýetdäki ýerini we roluny üýtgedýär: ylym önümçilik güýjüne öwrülýär, ol öňde baryjy, tehnika bolsa oňa tabyn element bolýar.

Hyzmat ediliş sferasy has dürli görnüşlidir. Oňa iň dürli kärhanalar girýär, ýagny olary şertleýin hyzmat edilişiň funksional setlerini bar bolan normatiwler bilen degişlilikde taslaýarlar.

Hyzmat ediliş derejesi administratiw ýa-da ykdysady etraplaşdyrma bilen baglanşyklydyr. Köplenç halatda hyzmat ediliş derejesini we olara degişli bolan merkezleriň tapawutlandyrylmasyny ulanýarlar.

## Kurort we syýahatçylyk

Ylmy – tehniki we sosial ösüş ilatyň işjeňliginiň we hereketliliginiň, onuň boş wagtyny geçirmeginiň zerurlygynyň, jan saglygyny we güýjüni dikeldilmeginiň täsirini ýetirýär. Bularyň barysy rekreasion hyzmat edilişiň ulgamlaryny görnüşe getirmekligiň we zähmet çekýänleriň dynç almagy üçin niýetlenilen, giňeldilen territoriýalaryň oňaýly gurnalmagynyň zerurlygy bilen baglanşyklydyr.

Rekreasion guramalaryň şertleri düzümi şol bir wagtdaky sygyjylygy we aýry guramalaryň ýerleşişiniň dyzyklygy boýunça tapawutlandyrylýar.

Rekreasion etraplaryň spesializasyýasyny kesgitleýiş esasy faktorlar: mineral suwlarynyň çeşmeleriniň ätiýaçlyklary we düzümi, bejeriji palçyklar, aknatoriýanyň we suwa düzülýän ýerleriň peýdaly meýdanlary, kenarýaka zolaklarynyň uzalyp didijiligi, deňiziniň täsiri, dagda lyžada typmak trassalarynyň gurnalyş şertleri, tebigat toplumlarynyň gymmatlylygy, territoriýanyň syýahat etmek obýektleri bilen doýgunlylygy we beýlekiler. Rekreasion etrabyň hasaplama sygymy, düzgün boýunça, ilatyň zerurlyklaryny doly kanagatlandyrylmaklyk we rekreasion baýlyklaryň ulanylyşy göz öňünde tutulan, wariantlaryň arasyndaky bäsleşikli çözgüdi tapmak ýoly bilen kesgitlenilýär. Etrabyň hasaplama sygymy baýlyklaryň we zerurlyklaryň gapdaly bilen transportly hyzmat edişiň bar bolan görnüşiniň rekreasion gurluşygynyň gelejeginden, etrabyň zähmet baýlyklaryndan, inžener şertleriniň we desgalarynyň ösüşinden we ş.m. baglydyr. Şol etrapda rekreasion hyzmat edilişiň ösüşleriniň gelejegini işläp taýýarlamaga syýahatçylaryň we beýleki dynç alýanlaryň akymynyň sosiologiki we ykdysady derňewiniň, onuň wagt we giňişlik boýunça paýlanylmagynyň, şeýle-de etrapda rekreasion hyzmatlaryň görnüşleriniň zerur bolan derňewiniň we rekreasion alynmalary dolandyrmaklyk üçin ykdysady ryçaglaryň ulanylyş mümkinçilikleriniň düýbi tutulmalydyr.

Bejergi, dynç alyş we syýahat obýektleriniň rekreasion etraplarda ýerleşdirilmegi ýokarda seredilen ýagdaýlaryň, şeýle-de territoriýalary rekreasion

bahalandyrmagyň netijeleriniň we etrabyň programmalaşdyrylyp gurnalmagy wariýantlaryň işlenilip taýýarlanylmagynyň esasynda geçirilýär.

## 4. Inžener – tehniki esaslary

**Içki ulagyň ähmiýeti.** Häzirki zaman şertlerde, şähergurluşygyň problemalaryny çözmekde uly ünsi ulagyň roly uly orny eýeleýär. Halk hojalygyň fondynda ulagyň paýy 20% -den azdäl, işgärleriň sany bolsa, daşamada we ýükleme-düşürme işi bilen meşgul bolýarlar umumy işçileriň we işgärleriň halk hojalygynda 10% -den ýokary.

1950-nji ýylda Dünýä boýunça halkyň hereketi 6 esse köpeldi. Iň beýik tipde awto ulag we awiasiýa ulanma prosessi bolup geçýär. Şol bir wagtyň içinde bir ýaşaýjynyň ýeňil maşynda gezelenç etme sany 50 esse köpeldi, awiosiýa ulagynda 40 esse. Ulagyň öz gerşi önümiň kooperatiwleşdirmegine ýardam eýdýär, täze prespekriwaly etraplara ýerleşdirmegine, öndürijilik güýjünde we ilaty ýerleşdirmeden üzňe göz öňüne getirip bolmaýar.

Ulag problemalaryny çözmekde şäher we oba ýşaýşynyň arasyndaky tapawudyny aýyrmaga kömek berýar we häziki zaman adamyň şahsiýetiniň ösüşine gerekli bolan şertleri döredýär we onuň hereketde islegleri kanagatlandyrýar, aragatnaşyk mümkinçiligini beýgeldýär, iş goşandyny goşmak üçin ýer saýlap almak, ýasamak we dynç almak mümkinçilikleri beýgelýär.

Has uly raýon we şäherdöredijilige degişli bolup demir ýol ulag bolup durýar, ep-esli aralyga ýolagçylary we ýükleri daşamakda häsiýetlendirilýär. Demir ýolyň ýakynlarynda köplenç ep-esli ýaşaýyş punklary toplanýarlar, we ilat ulaglarynyň ýagdaýlary köplenç ilat ýerleri onuň ulylygynda görünýär.

**Awtomobil ulagyň** orny örän uly.

Esasan awtomobil ulag etraplaryň içinde uly bolmadyk radius hereketlerinde (150…200 km çenli) möhüm degişlilige eýe bolýar. Ýolagçylar daşamakda awtobus amatly bolýar. Ol özüniň ýokary mobilligi we ýeterlikli rahatlygy bilen mälim edýär. Beýik tehniki kategoriýaly ýollarda (I-III) dyngysyz hereketde häzirki zaman awtobuslary 60 km/s çenli ortatehniki tizligi üpjün edýärler doly demir ýolyň şäher töwerek meýdanlarynda, demirýol ulagynyň gatnaşygynyň tizligini beýgeldýär.

**Howa ulagy** uly depginde uzak aralyklara gatnaşmak üçin özgertmek serişdesi hökmünde bolýar.

Etraplaryň içinde gatnaşmak üçin ony demir ýol şertlerini ýok ýerlerinde ulanylýar, özgermegine uly territoriýa päsgel berýär, kyn tebigy şertler (batgaly territoriýalar, doňaklyk, daglar we beýlekiler).

Howa gatnaşyklarynda ýakyn baglanşygy sibiriň demirgazyk zonalarynda, orta Aziýa, uzak Gündogarda esasy usul bilen özgeren. Etrap taslamasynda howa ulagyň desgalary we beýleki funksional elementleri uly degişlilige eýedir, ep-esli territoriýany eýeleýän we etrabyň territoriýanyň taslamalaşdyryş gurnamasynda kynlyk bilen içine çyzylýar (aeroportlar, gonma zonalary we beýlekiler).

**Suw ulagy.** Dünýäde diýseň deň özgermedik, ýerli tebigy we sosial – ekonomiýa şertlerine bagly. Hemme ulag komminikasiýalaryndan suw ýollary

15-20% -den ybarat, ýöne göwrümine görä adam daşaýan suw ulagy beýleki ulaglryň görnüşleri.

Köplenç derýa we deňiz habarberiş ýylyň dowamynda 3…6 aý hereket edýär. Oksplutasiýanyň wagtlaýyn häsiýetine garamazdan, GPA köp böleginde suw ulagy ýük daşamaklygy üçin örän perspektiwli, şeýlede adamlaryň köpçilikleýin dynç alýan ýerlerinde, şolardan alynýan girdeýjileriň hasabyna gurnalýan dynç alyş, esasanda çalt ýüzýän, suw asty ganatly, howa ýassykly, islendik suwda ýokary tizlikde hereket edip bilýän sudnalara, ylym-tehniki ösüş gelejekde suw ulagynyň intensiw ösmeginde uly ýardam berer, turba geçiriji ulag (gidrawliki, gazly we pnewmokonteýnerli) örän çalt ösýär. Ýyl saýyn şu sferany ulanmak hasda giňelýär, ýaýbaňlanýar, geljekde birnäçe ýer üsti daşalýan ýükler turba geçirijileriň üsti bilen daşalar.

Ähli görkezilen raýon şol ýa-da başga esasy maksat ulag sistemasyny ösdürmek bütewi bir ulag sistemasyny gurmak, güýçli taraplary efektiw guramaçylyk. Şeýle sistemanyň esasy hiliniň kriteriýasy –ýolagçylaryň hereketinde wagtyň utmagy brutto (bir ulagdan başga ulaga geçirilende ýitirilýän wagty hasaba almak bilen) we ýükleri gatnatmakda göz öňünde tutmaly: howpsyzlyk, ykdysady, (komfortnost) rahatlyk, daştöweregi goramak, we raýonyň territoriýasyny ulanmak.

**Etrap meýilnamasynda ulag.** Ulag desgalarynyň we gurluşynyň ýerleşişi ulag şeretleriniň gurluşy raýon meýilnamasynda yzarlanýan maksat etrabyň ara habar beriş guramasy we olara laýyk halkara derejesinde çykmak. Şundan gelip çykýan mesele bitewi ulag seti ähli etrabyň adamly ýerlerini we içleri ulag aralarynda. Ulag soragynyň işlenmeginiň çuňlygy onuň esasy taslamalaşdyrlan territoriýasyny laýyklykda kesgitlenýär. Ulag sorag esasy taslamalandyrylan territoriýa laýyklykda kesgitlenýär.

Ulag shemasy işlenip düzülende ähli ýaşaýyş ýerler, düzgüne laýyklykda adam we ýük daşalýan punkt hökmünde, edil başlangyç we ahyrky nokat, ulag setinde esasy ulag akymyny gatnawyň esasy hasap edip alynýar.

Şäher derejesindäki adamly ýerlerde ulag seti baş meýilnamada işlenip düzülýär.

Etrap derejesinde meýilleşdirilýän setda göz öňünde tutulýar: respublikan we welaýat derejesinde aralygynda umumy ulanylýan demir ýol, awto ýol, derýa we deňiz, beýleki ulag ulgamlary (aeroportlar, derýa we deňiz porty) we olaryň kompleksleri Magistral ýollarynyň proýekti etrap meýilnamasynda işlenilende we welaýat ýollaryň ähmiýeti esasy mesele edip kabul edilýär. Olaryň bilelikdäki mümkinçiligini takyklap ýerli ýollaryň seti işlenilýär, etrap we etrap mekezlerini baglanyşdyrýan we ulag kommunikasiýalary ýokary kategoriýaly kordinirleýär.

Ulag ösdürmek meselesindäki teklip edilýän proýektlerde esasy seredilýän meseleler:

Senagat bilen ýöriteleşdirlen etraplarda aýratyn esasy mesele daşgy ulag gatnaşygyna, dynç alýan zähmetkeşleri ulag (gatnaşygyna, dynçlaýan zähmet) bilen hyzmat etmek.

Oba hojalygy bilen ýöriteleşdirilen etraplarda esasy oba – hojalyk senagat kompleksde senagat esasynda hyzmat etmek, ýerli ýollaryň setini gurnamak ,

daşky ulag bilen baglanyşdyrmak, oba aralygynda adamlary medeni – hyzmatlary bilen üpjün etmek.

Sanitarno – dynç alyş hojalylarda esasy mesele tizlendirilen üznüksiz baglanşyjy ýola goýmak, daşgy ulagy gurnamak (stansiýalar, portlar, kenar ýakalar we ş.m.) hem-de etrabyň içinde syýahatçylaryň we dynç alýanlaryň gatnawyna hyzmat etmek.

Ulag şäherleriň täsir edýän zonalarynda we adamly ýerlerde toparlaýyn sistemasynyň döredilmegi raýonlarda esasy göz öňünde seredilýän ünüs berilýän, kuwwatly seti döretmek ulag, uly möçberdäki ýükleri we adamlary şäheriň merekezinden daşamaklyk bilen üpjün etmek, beýleki ýaşaýyş punktlary we köpçilikleýin dynç almak zonalary bileklikde.

Demir ýol ulagyna degişli ulgama, guramaçylyga soragyň meseläniň döremeginde, set ýoly arkaly senagat toplumuna barmak, tekliplerini işläp düzmegi öz içine alýar, derýa we deňiz portlary we aeroport. Demirýol ini ýokary, şahalary goşmaça çylşyrymly aýlanyp geçmek hokmany bolan wagty täzeden gurulýar.

Awtomobil ulagyny (ulag ulgamyny) ösdürmek teklipleri, awtomobil hojalygynyň we ýol şertleriniň täzelenmegine rekonstruksiýalaşdyrylmagyna gönükdirlendir, ýenede täze magistral we ýerli ýollaryň gurluşygyna. Magistral ulaglarda demir ýollarynyň ýok ýerlerinde hereketleri çaltlandyrylan awtobus adaty liniýalarda ýakyn aralykdaky duralgalar bilen, egerde ilaty ýerde ýerleşip laýyklygyny subut edýär.

Awtomobilizasiýanyň ösmegi bilen ýeňil awtomobilleriň ulanyşy uly şäherlerde ýaşaýan ýaşaýjylaryň dynç almaga ýeňil awto ulagyny ulanýarlar. Şonuň üçin hem awtomobil magistraly, gün saýyn köpelip gelýän awto ulaglaryň hereketine laýyk akymyna ýygnalan bolmaly.

Howa ýollary ulag arkaly etraba gulluk etmek shemasy, umumy ulanylýan aeroportlaryň we aerodromlaryň ýerleşiş territoriýasyny saýlap almak tekliplerini öz içine alýar, wertoliotlaryň gonmagy üçin meýdança şäherden daşgy linýalarda gulluk edýän daşgy etraplara zähmet çekmek üçin getirilýän ulaglary kesgitlenilýär, ýene-de ilatly punklaryň aeroport bilen aralygy azyndan 20…25 km bolanda biri-biri bilen baglanyşdyrmak.

Etrabyň ulag sistemasyny bitewi kämilleşdirmek we ösdürmek, onuň ähli sistemasyny baglanşdyrýan strukturasy uzak wagtlaýyn ulanmak üçin hasaplaýar. Şonuň bilen birlikde hökmany göz öňünde tutmaly, hasaba almaly, bu içki we daşky gatnaşyk uly dinamikaly tapawutlanýar. Şonuň üçin bitewi ulag sistemasy etrapda örän bolmalydyr, meýilnamanyň çözgitlerine mümkin boldugyça düzediş girizmek üçin, esasy ýol şertlerine zyýan bermezden ýerleşdirilen.

## Suw resurslaryny kompleksleýin ulanmak

Suw resursyny toplumlaýyn ulanmagyň ähmiýeti (GDA) ýurtlarynda suw resurlaryny halk hojalygynda ulanmak ösýär. 1950-nji ýyl umumy suwyň toplanşy ýylda 86 km$^3$, häzirki wagtda 300 km$^3$ ýetdi, geljekde göz öňüne tutulýar 500 km$^3$ geçer, onuň azyndan 280 km$^3$ yzyna gaýtmazyndan sarp ediler, suwy uly möçberde ulanýan oba hojalygy bolup durýar. Buda uly köpsuwarymly ýerlerde bagly bolup durýar, ikinji we üçinji ýerde senagat we kommunal – bytowoý durýar. Ortaça suw üpjünçiligi, öňki SSSR döwründe bir ýaşaýjy üçin, örän ýokary 20 km$^3$ ýakyn ýylda. GBA ýurtlarynda suw resurslarynyň paýlanşy bir gyra deň däldir.

Ýewropa böleginde, ykdysady potensialynyň 80 % we ilatynyň 75% az bolmadyk ýerlerde suw resursy 20%. Soňky döwürlere çenli önümçiligiň ýerleşişi suw meselesiniň çözülmegine täsir edip bilmegi, suw resursynyň ýetmezçiliginde olaryň defisiti ýerli suw akymynyň dolandyrmak arkaly ýapylypdyr. Beýleki bir raýonlarynda, mysal üçin, suw çözüldi, ykdysady we sosial ösüşde islendik raýonda esasy wajyp mesele suw bilen üpjün etmek, senagatyň ösmegi we suwarymlary ýerleri aýratyn iýmit bilen üpjün etmek. Şonuň üçin hem suw resursyny ulanşynyň ýollaryny gözläp tapmak örän wajyp.

Suw resurslarynda esasy bolup durýar. Senagatda öz içine aýlanýan suw hojalygyna geçmek, suw –üpjünçiligiň geçmesi arkaly suw bilen üpjün etmek;

Oba hojalygynda suwaryş sistemalaryny kämilleşdirmek (ýer asty suwaryş, düýbünde suw saklap, gorap bilýän ösümliklere geçmek we ş.m).

Ýer asty zapas suwlary emeli doldurmak we arassalanan çeşme suwlaryny akdyrmak, gidrogiologiki şertlere amatly bolan etraplarda.

Etraplarda inženerçilik taýýarlamak işini geçirme soraglaryň umumy ýagdaýda, beýleki etraplary özünde jemleýär: territoriýalaň inženerçilik taýýarlamak häzirki zaman ýagdaýynyň analizi esasy ýerine ýetirilen we meýilnamalaşdyryş çäresiniň maglumatlary bilen görkezmeli tebigy şertlerine we etrabyň bellenen resurslaryna we çärelerine bahalanyş täsirleri.

Senagat meýdanlary üçin territoriýasyny inženerçilik taýýarlamaklygynyň hödürlenmesi etraplaryň we reksiýa gurluşygy sil almakda we suw almakdan goramak çärelerini özünde jemleýär, ýerasty suwlaryň derejesini azaltmak, batgalary guratma, üsti akymy tertibi salmak, suw akymlaryny sazlamak jaryň döremegine garşy göreş, kenarlaryň bozulmagy, bozulan territoriýalaň rekultiwasiýasy we beýlekiler.

Obahojalyk territoriýany inženerçilik taýýarlaýanlarynyň hödürleme çäreleri melorasiýany, suwarma we gutarma, medeni –tehniki işleri geçirme ýeriň çüremä garşy iş tokaý ot almadan gorama we ş.m. özünde jemleýär.



**Territorial gurluşyň elemntleriniň görnüşleri:**
**a) zolaklaryň; b) bir ugurlaýyn;**
**ç) merkezlenen – şöhlenen.**

## 5. Etrabyň meýdany binagärlik meýilleşdirmek

Bu taslamanyň esas bölümni we meýilleşdiriş işleri onuň dowamynda dürli sosial – ykdysady meseleler taslama tekliplerinde öz çözgüdini tapýarlar.

Netijede çylşyrymly hakyky modelli düzmek mümkinçiligi döredýär we özara meseleleriň çözgüdini tapmak bolýar.

Etrabyň taslanylşy, halk hojalygyň dürli pudaklarynyň işlemegi we ösmegi üçin amatly şertleriň geljekde döremegine niýetlenen. Bu şertler şeýle hem esasy sosial meseleleriň çözülişine we tebigy resurslaryň amatly ulanylmagyna peýdaly bolmaly. Etrabyň binagärlik – meýilleşdiriş gurnalyşynyň dowamynda önümçiligiň dürli territorial isleglериniň, şeýle hem ilaty ýerleşdirmegiň we hyzmat etmegiň talaplarynyň sepleşikli çözgidini öz içine alýar. Meýdanyň gurnalyşy, döreýän we täze önümçilik obýektleriniň özara ýerleşişiniň diňe amatlyklaryny üpjün etmegi däl-de eýsem ilatyň zähmeti, dynç alyşy saglygynyň goralyşyny we estetiki soraglarynyň kangatladyrylşyny üpjün etmeli. Eýsem, binagärlik–meýilleşdiriş gurnalyşyň netijesinde geljekde adamlaryň ýaşaýşynyň hilli täze maddy töweregi düzülen, bu ähmiýetli derejede etrabyň obýektlerini binagärlik we şähergurluşyk taslanylşynyň adaty obýektlerine meňzedýär.

Meňzeşlik diňe maksatlarda däl, eýsem taslanylyşyň usullarynda hem ýüze çykýar. Meýdanyň gurnalyşynyň binagärlik mazmuny düzüliş usullaryň giňden ulanylşyndan durýar, olar adamlaryň ähli esasy isleglerini amatly derejede kanagatlandyrmagy başarmalydyr.Diňe şäherleriň däl-de, şol sanda etraplaryň meýilleşdirmegine binagärleriň ähmiýetli gatnaşygyny talap edýär.

**Şäher – gurluşyk obýekti** düşünjesi ululygy boýunça dürli territorial birliklerine ýaýraýar, şol sanda iri etraplaryna –etrap meýilleşdiriş obýektlerine. Şäher we etrap meýilleşdirilşiniň usullary hem biri-birine golaýladylýarlar. Olar bilen belelikde etraplary taslamagyň ýörite usuly bar bolsada, ol ýerleriň ululygy, funksiýalarynyň çylşyrymlylygy we mazmunynyň dürliligi bilen şertlenilýär, onuň üçin etraplaryň ýerleriniň binagärlik – meýilleşdiriş gurnalyşy üçin uly giňişlikleriň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan taslanylyşyň usullary ulanýarlar. Olar işlenilip düzülen we hemişe ylmy we tejribe işiniň netijesinde özgerýärler.

### Etrabyň meýilleşdiriliş strukturasy

Etrabyň ýeriniň binagärlik – meýilleşdiriş gurnalyşy onuň taslama obýekti hökmünde kesgitlenşinden başlanýar. Etrabyň başlangyç meýilleşdiriş häsiýetleiniň seljerişiniň zerurlygy olaryň konstruktiw özgerişleriniň prosessine we netijesine bolan ähmiýetli täsiri bilen şertlenýär.

Etrabyň tebigy resurslary, olary öwrenmwgiň derejesi ýeriň meýilleşdiriş gurnalyşynyň hilli derejesi we beýlwki dürli şertler etrabyň sosial – ykdysady ösüşiniň potensial mümkinçiliklerini we maddy töweregiň geljekki taslama nusgalaryny kesgitleýärler.

Etrabyň meýilleşdiriş gurluşy, böleklere bölmegiň usuly bilen etrabyň meýilleşdirmeginiň guramaçylygynyň esasy serişdeleriniň biri bolýar. Ol

taslanyşyň esasy netijesi bolup durýar. Täze meýilleşdiriş gurluş dürli elementleriniň gelejekki giňişlik guramaçylygynyň umumy çözgüdiniň pikirini görkezmeli. Etrabyň meýilleşdiriş gurluşy alnan etrabyň halk hojalygynyň ösüşiniň ýaşaýşynyň amatly şertleriniň döreýşine peýda berýär, şonuň üçin etrabyň maddy töwereginiň düzülişiniň we ösmeginiň sazlaşmagy boýunça esasy çäreleri görkezilen bolmaly.

## Struktura meýilleşdiriş seljermek

Meýilleşdiriş struktura düzülişiniň başlangyç ädiminde ony kesgitlemeli bolýar. Diýmek, ony taslama üçin has wajyp bolan aýratyn bölekleriniň belli-bileleşigiň görnüşinde görkezmeli. Bu maksat bilen struktura – meýilleşdiriş seljermesi ulanylýar, ol komponentleriň we elementleriň – aýratyn bölekleriniň sýlama usuly bilen etrabyň bitewiliginiň şertli bozulma usuly bolup durýar. Oňa laýyklykda taslamagyň obýekti model görnüşinde görkezilýär, onda elementleriň özara ýerleşmegine we özara baglanşygyna üns berilýär.

Bu model etrabyň meýilleşdiriş gurluşy üçin esasy bolup durýar –başlangyç –situasion we perspektiwgurluşy üçin maksatlaýyn.

Etrabyň struktura – meýilleşdiriş seljermesiniň esasy düzgüni şundan durýar-ol diňe bilmegiň serişdesi bolman, indiki konstruktiw özgermeleriň serişdesi hem bolýar. Elementleriň özara ýerleşişiniň şertlerini gowylandyrmakdak üçin meýilleşdiriş gurluşynda saýlanyp durmaly. Olar öz häsiýetlerine we ýerleşýän ýerine laýyklykda indiki meýilleşdiriş strukturaň hiline ähmiýetli täsir etmeli, ýa-da birleşdiriji elementler bolup durmaly, struktura – meýilleşdiriş seljerme bolsa etraby konstruktiw meseleleriniň çözgüdi üçin ulanyp durmaly.

Netijede struktura – meýilleşdiriş seljerme taslanylýan obýekt barada doly düşündiriş bermeli, şonuň üçin onuň dowamynda etrabyň obýekti dürli jähtlerde görkezilýär. Olar näçe köp bolsa, şonça-da etrabyň meýilleşdiriş gurluşy doly we mazmunly görünýär. Etrap taslamasynyň nazarýetiniň we tejribesiniň ösüşiniň dowamynda, etrabyň ýeriniň meýilleşdirmegiň gurluşynyň kesgitlenilşine dürli prinsipial ugurlar işlenildi.Oňa baglylykda meýilleşdiriş strukturanyň elementleri belli bir alamatlar boýunça saýlanylýar.

Ilki bilen biri-birinden tapawutlanýan käbir usuly usullaryna seretmek amatly bolýar, olaryň struktura seljermesinde tutýan orny bar we olar saýlanylýan gurluş bölekleriň görnüşlerini kesgitleýärler.

**Etrabyň meýilleme strukturasynyň elementleri we seljeriş usullary**




**Etrabyň meýilleme strukturasynyň elementleri**

Etrabyň düzüji böleklerini tapawutlandyrmak üçin esasy düzgün-olaryň saýlanan gurluş alamatly boýunça tapawudy. Bu topara girýärler: Biri-maddy töweregiň elemenlerine laýyk gelýän tapawutlarynyň orunlaryndan (territorial seljerme); beýleki –ýerleriň dürli funksional ulanylyşynyň (funksional seljerme).

Territorial seljermäniň şert-etrap planlaşdyryş obýektiniň görnüşiniň hasaba alynmagy, ol nämeden durýar: Şäherden Tpawutlylykda ol emeli döredilen töwerek bolman, şeýle hem tebigy töweregi bolup durýar. Öz ýörite maksatlarynda etrap planlaşdyrylyş şäher gurulmany, tebigy landşaftyna garşy antropogen görnüş hökmünde seredýär, gurulan (urbanizirlenen) ýerler –taryhy hojalyk we şäher gurluşyk işiniň netijesiniň emeli töwerek hökmünde seredýär. Ýeriň öwrenilişiniň tizliginiň dürli derejesi ýörite zolaklaryň we olaryň özara ýerleşişiniň seljermesiniň saýlamagy usuly bilen bellenilýär. Elemenrleriň konsentrasiýasynyň derejesi boýunça etrabyň has häsiýetli ülüşleriniň saýlanmagy taksonomiki birlikleriň esasynda ýerine ýetirilýär. Tebigy landşaftynyň ähmiýetiniň ulanmagy, has häsiýetli tebigy zolaklaryň saýlanylmagy üçin etrabyň ýeriniň seljermesiniň zerurulygyny ýüze çykardy.

**Funksional seljerme** – etrabyň aýratyn bölekleriniň niýetlenişleriniň tapawutlarynyň hasaba alynşynda esaslanan. Şolar ýaly seljerme dürli obýektleriň

binagärlik we şähergurluşyk taslanylyşynda giňden ulanylýar. Şolar ýaly maksat bilen etrabyň ýöriteleşdirilen territorial birliklerine bölünşi amala aşyrylýar – funksional zolaklar meňzeş däl we ýerleri ulanylmagyň amatlylyk nazarlaryndan häsiýetlendirýärler. Mysal üçin, senagat zolaklary, oba-hojalyk önümçilikleriň zolaklary, dynç alyş, gorag zolaklar saýlanylýar.

Soňky ýyllarda, gurluş seljerilişiň usullarynda garşy ulgamlaýyn seljerişiň umumy ylmy usuly ulanylyp başlady, onuň esasynda, biri-birinden bütewiligi, guramaçylygy we beýleki häsiýetleri bilen tapawutlanýan bölekleriň meňzeşlik prinsipleri ýatyr. Bu ýagdaýda etrap obýekti, bir bitewiligi döredýän, elementleriň çylşyrymly özara baglanşygy bilen häsiýetlendirilýär. Ulgamyň bitewiligi dürli gatnaşyklar bilen kesgitlenýär, olar wajyp ähmiýetli bolýarlar, srbäbi olar onuň gurluşyny düzýärler, onuň hilini häsiýetlendirýärler. Islendik ulgamyň ähmiýetli alamatlarynyň biri- elementleriň biri-birine degişli bolmagy. Olar ýaly guramaçylyk etrabyň dürli ýaşaýjysynda hem ýüze çykýar. Ol ýolbaşçylyk agzalaryň merkezledirmesini hem göz öňüne tutýar. Şonuň üçin saýlanylýan territorial elementleriň özleri bütewilik obektleri bolup, onuň bilen birlikde irileriň bölegi bolup durýarlar we has pes derejedäki ulgamlar hökmünde seredilýärler.

Ulgamlaýyn seljerme amatly bolýar, sebäbi etrabyň ýeriniň takyk we tertipleşdirilen bimagärlik – meýilleşdiriş guramaçylygy üçin şertler döredýär.

Etrabyň gurluş elemenleriniň, dürli derejeli territorial ulgamlary hökmünde, iki sany saýlamaga usuly usullaryna seredeliň.

Köppudakly usuly etrabyň çäklerinde onuň gurluş elementleriniň tamamlanan sosial – ykdysady we planlaşdyrma toplumlarynyň görnüşinde düzülmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şolar ýaly her bir gurluş elementi- köpfunksional toplum, ol önümçilik we önümçilik däl sferanyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň ösüşine we bileleşik territorial guramaçylygyna ýol berýär. Her bir belli ýagdaýda taslanylýan etrabyň görnüşine laýyklykda meýilleşdiriş gurluşyň meňzeş elementleri saýlanylýarlar – toplumlaýyn meýilleşdiriş etraplar.

Birpudakly usuly – etrabyň gurluş elementleri halk hojalygyň bir pudagynyň çäklerinde saýlanylýarlar we ýöriteleşdirilen meýilleşdiriş etraplary bolyp durýarlar.

## Meýilleşdiriş strukturaň bölekleriniň görnüşleri

Saýlanan struktura birlikleriň arasynda, binagärlik–meýilleme guramaçylygyň dowamynda birleşdiriji serişdesi bolup hyzmat edip bilýän birlikleriň konstruktiw ähmiýeti bar. Olar aşakdaky üç görnüşler degişli bolýarlar: gurluşyň maddy elementleri, meýilleşdiriş etraplar, taslama funksional zolaklar.

Territorial elementler etrabyň dynç meýilleme karkasynyň düzülmegi üçin ulanylýarlar. Bu territorial birlikler aşakdaky görnüşlerde bolýarlar, nokatlaýyn, çyzykly, düwünli, zolaklaýyn. Nokatlaýyn –aýratyn ilatly punktlar.

Çyzykly (hakyky) – gämigatnawly durýarlar, deňizleriň kenarlary we ýollar. Çyzykly elementler kommunikasiýalary düzýärler. Düwünli – çyzykly

elementleriň we ilatly punktuň merkezleşdiriş ýerleşişiniň kesişmeleriniň netijesi.

Zolaklaýyn – ilatly ýerleşiniň we kommunikasiýalaryň toplumynyň territoroal konsentrasiýasynyň netijesinde düzülýärle (tokaý, massiwler, dag ülüşleri, içi suwly desgalar). Olaryň esasynda meýilleşdiriş merkezleriň we oklaryň ulgamy düzülýär.

Birleşdiriji merkezler – bar bolan iri, özgerýän we ösýän täze şäherler, aýratyn ýerleşýän iri senagat kärhanalar we duralgalar, demirýol düwünleri, iri deňiz we derýa portlary. Meýilleme oklar – deňizleriň, kölleriň kenarlary, ulag magistrallar, nebit we gaz geçirijiler.

Oklaryň we çyzyklaryň merkezleriniň synplara bölünşini dürli halk hojalyk ugurlary etraplar üçin differensirlenen amala aşyrmak maslahat berilýär. Senagat etraplarda meýilleşdiriş gurluşyň halk hojalyk we ulag elemenltleriň ähmiýeti bar. Dynç alyş etraplarda meýilleşdiriş gurluşyň tebigy – landşaft elementleri 1-nji ýerde saýlanylýar. Iri şäherlerde ilkinji nobatda üns urnbanizirlenen gurluş elementlerine berilýär.

Meýilleşdiriş merkezler we dürli birleşdiriji ähmiýetli oklar etrabyň daýanç karkasyny düzýärler, ol maddy töweregiň esasy elementleriniň özara ýerleşişini görkezýär. Taslanylýan etrabyň başlangyç ýagdaýyna laýyklykda şolar ýaly karkas öz düzülişiniň dürli derejelerinde bolup biler. Şonuň üçin onuň goşmaça ösmeginiň ýa-da ösüşiniň zerurlygy ýüze çykýar.

Funksional zolaklar – etrabyň ýörite territorial birlikler, olar amatly şertler bilen ýörite bir maksatda geljekde ulanylyp bilerler. Funksional zolaklar taslanylýan etraplaryň mazmuny bilen şertlenen. Şol etrapda amala aşyrylsak işleriň görnüşlerine laýyklykda funksional zolaklar hem saýlanylýarlar.

Funksional zolaklar gelejekki planlaşdyryş gurluşynda regulýartiw häsiýetinde bolýarlar: ýerleriň dürli ülüşleriniň ulanylmagyň görnüşini we nobatyny belleýärler. Oňa laýyklykda 2 esasy görnüşleriň zolaklary saýlanylýarlar.

Işleriň belli görnüşlerine rugsat berilýär we goldanylýar; olarda işler gadagan edilýärler ýa-da çäklendirilýärler. I görnüşine degişli – belli derejedäki ilatly ýerleriň gurulmasynyü gelejekki ösüşi üçin önümçilik obýektleri ýerleşdirmek üçin. 2-nji görnüş – gorag, sanitar – gorag zolaklar. Goramak, rasional ulanmak we tebigy resurslary dikeltmek maksady bilen etraplaryň ekologiki zolaklara bölmesi amala aşrylýar. Onuň netijesinde etrabyň ekologiki karkasy düzülýär.

Toplumlaýyn meýilleşdiriş etraplar (goşmaça ulgamlar) – islendik etrabyň düzülýän meýilleşdiriş gurluşyň has çylşyrymly elementler. Olaryň ähmiýeti- halk hojalygyň dürli pudaklarynyň planlaşdyryş guramaçylygynyň zerurlygy we mümkinçiligi bilenşertlenen. Onuň netijesinde sosia-ykdysady toplumyň çäklerinde rasional çözülişini almak bolýar.

Etraplaryň meýilleşdirişiniň dürli görnüşleri, olary düzýän funksional gatnaşyklaryna baglylykda kesgitlenýärler, oňa laýyklykda gurluş bitewligine eýe bolýarlar. Bu gatnaşyklar olaryň parametrlerini we territorial çäklerini häsiýetlendirýärler.

Etraplaryň ululygy we çylşyrymlylygy taslanylýan obýektiň görnüşine bagly bolýarlar. Olara degişli – merkezi şäheri we onuň tebigy zolagyny öňünde jemleýän etraplar pes administratiw etraplaryň toparlary özara hojalyk işi bilen birleşdirilen.

Etrap taslamasynyň dowamynda kiçi meýdanlly ýerde taslanylyşyň derejesinde, bölekleýin işlenilmegini talap edýän etraplary saýlanylýar. Olaryň häsiýetli görnüşleri iri şäheriň çäklerinde gurnalýan, tebigy – şäher planlaşdyryş etraplary bolup durýarlar. Ondan başga-da uly bolmadyk territorial toparlary birleşdiýän planlaşdyrylyş etraplar düzülýärler. Olaryň hemmesi indiki şähergurluşyk taslanylşyň obýektleri bolmaly.

Meýilleme gurluşyň elementleriniň seredilen görnüşleriniň birleşdiriş binagärlik – meýilleşdiriş ähmiýeti bar, diýmek olar özara ýerleşmeginiň amatly ulanylşynyň gözlegine ýol berýärler.

## Binagärlik – meýilleme taslama

Etrabyň geljekgi ýagdaýyny kesgitleýän planlaşdyrylyş çözgüdiň hili, onuň goýulan maksadyna laýyk gelmegi taslama prosessine bagly bolýarlar. Onuň esasy meseleleriniň biri – etrap meýilleşdirimegiň prosessiniň umumylykda özgermegi we aýratynlykda, ýeriň binagärlik – planlaşdyrylyş guramaçylygyna degişli bolýan, etrap planlaşdyrylyşyň konstruktiw böleginde.

Meýilleşdiriş taslanylma binagärlik we şähergurluşyk taslanylmalary bilen birlikde etrap meýillemä degişli bolýar, onda obýektiň aýratynlyklary göz öňüne tutulýarlar.

## Meýilleme taslanylmanyň ädimleri

Meýillemede ýurduň aýratyn etraplarynyň ösüşiniň halkhojalyk meýilnamasyny anyklaýar. Onuň bilen birlikde meýilleme netijeleri – şäherleriň, dynç alyş ýerleriň, obalaryň baş planlarynyň işlenilip taýýarlanylmagy üçin başlangyç habar beriş bazasy bolup durýar. Diýmek, etrap taslama halkhojalyk meýilnamasyny we indiki ädimi – baş meýilnamaň taslama taýýarlanylşynyň arasynda aralyk halka bolup durýar. Şeýle hem taslamada dowamynda sosial – ykdysady maglumatlar işlenilýärler, olar başlangyç berlenler, territorial maglumaty üçin ýumuşy bolup durýarlar. Etrabyň taslanylşynyň dowamynda sosial – ykdysady alamatlaryň birmeňzeşdäldigi göz öňüne tutulýar. Ol, halk hojalygyň önümçilik bazasynyň ösüşinde garaşylmadyk üýtgemeleriň bolup geçmegi (uzak möhbetde) bilen şertlenen. Etraby taslamagyň ilkinji nobatdaky ädiminde onuň meýilnamalaşdyryş guramaçylygynda tassyklanylan halkhojalyk meýilnamany we sosial ösüşiň meýilnamany, şeýle hem meýilnama organlaryň ýumuşlary ýatyr. Ösüşiň indiki ädimleri etrabyň potensial şähergurluşyk mümkinçilikler territorial resurslaryň toplumlaýyn seljermesiniň netijesinde ýüze çykýarlar. Bu taslama çözgütleriň ýitiligini üpjün edýär. Belli bir önümçilikleriň ýerine mümkin boljak profil ýüze çekýar, bir önümçiligi beýleki bilen çalyşmagy etrabyň geljekgi düzülişiniň prinsipial konsepsiýasyny bozmaýar.

Ýaýratmagyň potensial mümkinçilikleriniň arasyndaky garaşylyk çözgüdi bolup durýar. Çylşyrymly ýagdaýynyň kesgitlenilişiň wajyp ähmiýeti bar, bu Etraplaryň ýerleşiniň binagärlik – meýilleşdiriş guramaçylygy etrabyň gelejekki ösüşiniň maglumatlarynda manysyny kesgitleýär we onuň has durmukly bölegi bolup durýar. Oňa laýyklykda etrabyň meýilleşdiriş gurluşy – (durumly faktorlarda we belli çözgütleriň köpusullygyny we ýitiligini goýberýän) – taslama möhletiniň dowamynda önümçilik we beýleki obektletiň ösüşinde we beýleki obektleriň ösüşinde we ýerleşmeginde düzedişleriň mümkinçiligini göz öňüne tutýar.

Diýmek, etrabyň geljekki planlaşdyryş gurluşynyň düzülişi diňe bilen sosial –ykdysady talaplar bilen şertlenmän, eýsem ähmiýetli derejede olary ýaýratmagyň mümkinçilikleri bilen şertlendirilýär. Şonuň üçin dowamynda etrabyň täze meýilleşdiriş gurluşynyň guramaçylygynyň başlangyç şerti hökmünde adaty situasiýanyň seljermesiniň uly ähmiýeti bar.

Gelejekki meýilleşdiriş gurluşyň guramaçylygy, özara bagly bolan ädimleri özünde jemlenýän hem birisiniň ýörite maksady bolan, şol guramaçylyga ýetip bolýan ýörite usullar bilen häsiýetlendirilýär. Esasy konstruktiw ädimi hökmünde etrabyň geljekki meýilleşdiriş gurluşyň taýýarlanylşynyň prosesi bolup durýar. Onuň beýlekileriň arasynda orny aşakdaky ýönekeýleşdirilen görnüşde görkezilip biler. Meýilleşdiriş gurluşynyň taýýarlanylma ädimden öň taslamanyň maksatlarynyň we meselelriň çözülişiniň ädimi gelýär. Olar etrapda çylşyrymly ýagdaýynyň seljerşiniň netijesi bolup durýar.

Çylşyrymlylyk taslanylýan ýeriň potensial mümkinçilikleriniň arasyndaky nazarlyklarynda we onuň sosial – ykdysady ösüşiniň berlen ýa-da gerekli netijelerinde esaslanylýar. Ähli ýagdaýlarda obýektiň ýetirilýän ýagdaýy onuň ösüşiniň normatiw derejesiniň we taslama möhletiniň dowamynda etraplaryň çylşyrymlylygy we köp dürliligi bilen şertlenilýär. Ol etrabyň ýeriniň bar bolan ýagdaýynyň köpfaktorly we toplumlaýyn baha berilişiň ähmiýetini kesgitleýär, onuň netijeleriniň biri, gelejekki özgerişleri talap edýän etrabyň häirki zaman ýagdaýy bolmaly.

Analitiki ädim, geljekde etrabyň meýilleme strukturasy üçin gerek bolýan başlangyçlary maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

Bu model shema ýa-da meýilleme struktura taslamasynyň görnüşinde bolýar. Etrabyň obýektiniň çylşyrymlylygy köpusully taslamagyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Amatly usulynyň saýlanylmagy üçin taslamaň dowamynda bir usuly saýlamak üçin beýleki usullaryň deňeşdirilişiniň bahalandyrma göz öňüne tutulýar. Saýlanan usul ýokary ornuna eýe bolaýar.

Diýmek etrap taslamaň prosesi birnäçe ädimlerden durýar: obýektiň häzirki ýagdaýynyň seljermesi çylşyrymly ýagdaýynyň we taslamagyň maksatlarynyň kesgitlemesi geljekki çözgütleriň işlenilmegi we baha berilişiň esasynda amatly çözgüdiniň saýlanylşy.

**Meýilleme prosessiniň esasy ädimleri**




Ähmiýetleriň her biri etrabynyň obýektiň belli bir ýagdaýy bilen bagly (öňki häzirki we geljekki). Soňkynyň hakykylygy sosial – ykdysady we territoruial maglumatlaryň esaslandyrylyşyna bagly bolýarlar. Munuň bilen baglylykda taslama prosesi oň ýanynda bolup geçmeli taslama çözgütleriň ýaýradylyşynyň seljermesini özünde jemleýär.

Taslamanyň netijeleri şähergurluşyň palnlaşdyrylyşyň indiki edilen çözgütleriň dogurlygynyň wajyp ähmiýeti bar. Etrabyň geljekki meýilleşdiriş gurluşy işlerinde toplumlaýyn meseläniň bölümleri has çuň we bölekleýin işlenilşini talap edýäler. Olara degişli önümçiligiň territorial guramaçylygy, ilatyň ýerleşişi, onuň medeni rekreasion hyzmat edilişiň guramaçylygy, ulagyň guramaçylygy we başg.

Etrabyň niýetlenilşine laýyklykda işlenilen görnüşleriniň käbiriniň netijeleri etrabyň meýilleşdiriş gurluşynyň umumy çözgüdine täsir edýärler. Onuň bilen birlikde etrabyň ýeketäk toplumy häkmünde düzülmeginiň

dowamynda pudaklaýyn meseleleriň şahsy çözgütlerine görä özara düzediş amala aşyrylýar. Käwagtlar bu ýerde ahmiýetli nazarlyklar ýüze çykýarlar, olary etrabyň talaplaryna görä ýok edýärler.

Dimek, meýilleşdiriş taslama dürli ädimleriň ýerine ýetirilişiniň belli yzygiderligi bolup durýar, olaryň arasynda dik gatnaşyklary saýlamak bolýar we kese iterasion gatnaşyklary.

## Etarbyň meýilleşdirmegiň düzülişi

Meýilleşdiriş taslamagyň jogapkärlerli ädimleriniň biri, maddy töweregiň elemenleriniň amatly özara ýerleşişiniň gelejekki nusgalarynyň gözlegi bolup durýar. Şeýle her gurluşygyň iri obýekrleriniň we hojalygynyň amatly territorial ýerleşişini üpjün etmek bolýar we etrabyň estetiki taýdan kabul etmezligini almak bolýar. Şonuň üçin meýilleşdiriş gurluşynyň düzülişi, adamlaryň ýaşap ýören töwereginiň sazlaşykly binagärlik-çeperçilik ýagdaýyny döretmäge niýetlenen.

Etrap taslamasy häzirkizaman ylmy we tejribe derejeleri şähergurluşyk obýektleriň seljerşiniň usullarynyň çuň işlenilmegi bilen häsiýetlendirilýärler. Täze sintezirleýji meýilleşdiriş gurluşlaryny döretmegiň konstruktiw usullary barada aýdylanda bolsa-bu çylşyrymly mesele ol öz çözgüdini talap edýär. Şu wagta çenli ulanylan usullaryň biri-köpusully taslama bolup durýar. Şonda morfologiki düzgün ulanylýar görnüşiň esasý alamatlaryna üns berilýär.

Etarbyň dürli görnüşleriniň barlygyna garamazdan ýerleriň ösüşiniň sazlaşygynyň we tertipleşdirmegiň dügünleri we serişdeleri bar. Täze planlaşdyryş gurluşyň düzülişi, öň düzülen maddy töweregiň transformasiýa prosesi bolup durýar. Bu gurluşda etrabyň ösüşiniň täze görnüşleri we elementlerinde bolup geçýän üýtgemeler görkezilen bolmaly. Onuň üçin ilkinji nobatdaky meselesi täze giziriljek we häzirki halklaryň kesgitlenilşi bolup durýär. Bu gurluş esasda, saýlanan meýilleşdiriş birlikleriň täzeden gurnalyşy, ösüşiň boýunça konstruktiw teklipler işlenilýärler.

Şolar ýaly usul bilen etrabyň daýanç karkasynyň gurulmalary, göz öňüne tutulan funksional planlaşdyrylyşyň shemalary amala aşyrylýarlar. Daýanç karkasyň gelejekki shemasy ilatly ýerleriň we kommunikasiýa çyzyklarynyň territorial ösüşiniň mümkin ugurlaryny häsiýetlendirilýär.

Daýanç karkasy düzülende estetiki meseleler hem çözülmeli. Onuň üçin binagärlik domikantlaryna ugur berilen, magistrallar boýunça oklarynyň döretme usullary ulanylýarlar. Uly giňişlikleriň belli bir ýerleşişinde esaslanan kompozisiaýlary döretmek mümkinçiligi bar.

Erabyň ýeriniň funksional zolaklara bölünişi birinji nobat üçin etrabyň aýratyn bölekleriniň amatly hojalyk we şähergurluşyk ulanylyşyny üpjün etmeli we hasabat möhleti üçin indiki ösmeginde ýerleşiň ätiýaçlandyrmagy bilen. Dürli funksional zolaklar ýörite shemada bellenilýärler, ony ýeriň kompleks baha berilişiň esasynda işläp düzmek amatly bolýar.

Etrap taslamasy wajyp ahyrky netijeleriniň biri etraplaryň ýeriniň gelejekki ulanylyşy boýunça tejribe maslahatlar bolup durýarlar. Bu maslahatlar ýörite

shema, atlas ýa-da kadastr görnüşinde bolup bilerler. Meýilleşdirlişiň ýeriniň aýratyn bölekleriniň rasional ulanylyşyna ýol bermek; halkhojalyk obýektleriniň özara amatly ýerleşdirilişinde düzgünleriň we normalaryň saklanylmagy, gymmatly tebigy resurslaryň rasional ulanylmagy we saklanylmagy üçin gerekli planlaşdyrylyş şertleriniň döredilmegi, goşmaça işlenilmegi tailap edýän obýektleriň saýlanylyşy. Şonda ýeriň aýratyn bölekleri olaryň funksional zolaklaryna degişliliginiň nukdaý nazaryndan synplara bölünýärler.

## Bölün 2. Şähergurluşygyň esaslary

### 1.Şäheriň binagärlik meýilleme esaslary

Pursatda we giňişlikde şäheriň meýilleşdirme formasynyň üýtgemegi. Şäheriň planynyň kompozision taýdan gurmada funksional we tebigy faktorlaryň täsiri. Şäherleriň ösmeginiň gelejegine garaýyş gelejegine garaýyş (прогноз развития) we olaryň planlaşdyryş taýdan gurama prinsipleri

Mysallar: şäheriň meýilnamasy: Rim, Parij, Aşgabat, aglomerasiýasi, Konurbasiýa, Teoretiki shemalar: K.Doksiadis, I. Koolýa, P.Geddesa we başgalar.

Şäheriň döremeginde yzygiderli we bölekleýin görnüşleri.

Şäherleriň planlaşdyrylyşynyň monosentriki we polisentriki formalary.

Şäher meýilnamasynyň kompozisiýasynda yzygiderlilik we bölekleýin edil mortologiki taýdan öňde baryjy kesgitleme ýaly. Meýilnamasyny gurmada esasy planlaşdyryş konsepsiýalar. Merkezleşdirilmedik meýilnamalar we taslamalar: Stogolm, Çikago we ş.m.

A.Soria-a-Matanyň, K. Doksiadisiň, E.Gowardyň, E.Saarineniň nazaryýet shemalary.




Üznüksiz şäherleriň meýilleme formasy

"Şäher-bag"




Aýratyn şäherleriň meýilleme formalary

## 2.Şähergurluşykda funksinal konsepsiýa

“Afina hartiýasy” we şähergurluşykçy – funksionalistleriň kompozision usullary. Önümçilik – ýaşaýyş etraplar. Şäheriň daşynda işçi ýerleriň we dynç alyş ýerleriň goýulyşy. Basgançak görnüşli hyzmat ulgamly we şäheriň meýilnamasynyň gurnamasy. Taslama we nazaryýet: E. Goward, T. Garnýe, Le Korbuzýe, W.Şkwarikow.
Konkurs taslama işleri: Tolýatty, Bilbao (Ispaniýa) Wena – Zýud (Awstriýa).




Äpet uly şäheriň meýilnamasynyň kompozitsiýasy

A - Tallin; B - Helsinki ; W - Detroit (ABŞ); G - Çikago (ABŞ); D - Afina we Pireý ; E - London; J -Stokgolm; Z - Moskwa




## Şäheriň meýilnamasynyň funksional esaslary

A - Inedördül , owal,ýarym tegelek ; B - Şäher -bag; W - Senagat şäher
G - urbanizm funksiýalary; D - Taslama-shema




A - Himiýa şäheri ; B - Nebitçiler şäheri; W - Agrar şäher  şäher




Göniburçly meýilnamaly şäheriň shemasy

A - "Häzirki zaman şäher"(Le korbüzýe) ; B - Moskwa; W - Antwerpen




Äpet uly şäheriň radial - halka meýilleme strukturalary

A,B - Moskwa; B - London




Bir ugurly şäher meýilnamalaryň formasy




Şäheriň ösmeginde meýilnamanyň üýtgemegi
Bir ugurly köp zolakly shemalar

## 3.Şäher meýilnamasynyň kompozisiýasy

Şäherleriň toplum ulgamynyň m-t izohron prinsipi, kompozisiýa edil funksional gezeklenmäniň netijesi ýaly. Ýarymaýlaw we sektor görnüşli şäheriň meýilnamasy, “şöhle” kompozisiýa. Şäherleriň meýilnamasy we olaryň bölekleri (fragmenti) Aşgabat, Kostroma.

Taslama we shemalar: A. Gutnow, I. Ležawa, I.Gruzi.

### Birugurly – zolak formaly meýilleşdiriş

Piýadalaryň we ulagyň hereketini biri-birinden funksional we giňişlikleýin aýyrma. Bnirugurly – zolak meýilnama formanyň başlangyjynda ulag ýollarynyň ugry. Birugurly kompozisiýasynyň çylşyrymly forma geçmegi we onuň ösmegi (başlangyç ýönekeý forma, birugurly tegelek bir ýa-da birnäçe aýlawly, şahaly we birugyryň ikinji dowamy).

Meýilnama we shemalar: Madrid, Magnitogorsk, Moskwa Tuluza – Muzeý (Fransiýa), London.

Binagärler: A. Soria-i-Mata, F. Raýt, Le Korbuzýe, G. Meýer, E. Maý, I. Leonidow, N. Milýutin, W. Lawrow.

**Göniburçly – gözenek formaly meýilnamalar**

Göniburçly – gözenek formaly meýilnamaly şäherleriň gowy ýetmezçilik taraplary. Şäheriň inedördül göniburçly meýilnamasy we olaryň durnuklylygy. Göniburçly meýilleşdirmede diagonal ugurlary.

Şäherleriň taryhy meýilnamalary – Aşgabat, Daşkent, Buhara, Witruwiniň, Sensimony, Oueniň ideal şäheriň meýilnamasy. Täze şäherleriň planlary – Braziliýa, Çandigar, Islamabad, Balkanabat, Naberežnyýe Çelni.

Şähergurluşykçylaryň işleri – K. Tange, Ýa. Bakema, Le Korbuzýe, K. Doksiadis, B. Rubanenko, Moskwanyň, Parižyň, Londonyň, Islamabad-Rawalpindi şäherleriň hakyky, nazaryýet shemalary we konkursda işläp çykarlan meýilnamalary (L. Kosta, K. Tange, K. Doksiadis, N. Ladowskiý, W. Kratýuk, N. Polýakow, W. Lawrow).




Bir ugurly -zolak formaly meýilnamanyň kompozitsiýasynyň gurnalyşy

A - Madrid, bir ugurly şäher; B - Magnitogorsk; W - "Industrial şäher"; D -azyk şäher ;
E - Bir ugurly şäheriň shemasy; Z - "Täze Çärjew" (1930).




Bir ugurly -halka formaly meýilnamanyň kompozitsiýasynyň gurnalyşy




Äpet uly şäheriň bir ugurly -halka formaly meýilnamanyň kompozitsiýasynyň gurnalyşy




Şaha formaly meýilnamanyň kompozitsiýasynyň gurnalyşy

## 4.Ýaşaýyş töweregiň ekologiki şertleri

Şäherleriň goýulmagyna we onuň görküne klimatyň täsiri. Ýaşaýyş töwerekde ekologiki şertler amatlaşdyrýan giňişlikli formalar. Ýeliň rejeleri we jaýlary ýeliň ugryna görä goýma. Şäheriň ýerini günejiretme (insolýasiýa). Şäheriň planlaşdyrylyşynda we jaý toplumlaryny goýmakda amatly (aktiw) we passiw landşafty ulanma prinsipleri. Türkmenistanyň aýratyn tipli landşaftlarda şäherleriň planlaşdyryş we jaý toplumlaryny gurma prinsipleri.

W.Wladimirowyň, A.Wergunowyň, Ýe. Mikulinanyň we A. Esenow nazaryýet we taslama işleri. A. Esenowyň gurak we yssy ýurtlarda şähergurluşygyň ekologiýasy barada işleri.

Türkmenistanyň tebigy landşafty we olaryň şähergurluşyga ekologiki taýdan täsiri. Jaý toplumlaryny gurmak usullary; ýaşaýyş jaýlaryň biri-birine garşylaýyn golaý goýuluşy (syklygy); öýleri insolýasiýa taýdan üpjün etmek we ýylyň dowamynda insolýasiýanyň wagtyň kesgitlemek, hem-de ýaşaýyş töwerekde kölgeleme şertleriniň esaslary.

Köpgatly we azgatly jaý toplumlarynda ekologiki teklipleri ýerine ýetirme şertleri. Kompozisiýa we giňişlik usullary.

Azgatly howlyly jaýlar (atriumly öýler, patio görnüşli öýler, öý-howly we başgalar). Taslama we prinsipial shemalar: J. Kandilisa, Ç. Korrea, A. Esenow, A. Kosinskiý we başgalar.

Köpgatly jaýlarda öýleri tebigatda golaýlaşdyrma täri umumy dynç alyş howlylar (ýerde we jaýlaryň gatlarynda) asma baglar, ilatyň çyklygynyň “Megastrukturasy”.

Le Korbýuzýeniň, K.Tanganyň taslama gipotezleri; konkurs we real taslamalar – Tokio, Aljir, London, San-Fransiska.

Äpet çyk goýulan belent jaýlar shemasy, Megalapolisler.




Kop gatly jaylaryn kompozitsiyasynyn gurnalysy



Kop gatly jaylaryn kompozitsiyasynyn gurnalysy



Dapli jaylaryn kompozitsiyasynyn gurnalysy




Azgatly jaylarda pyyadda yollaryn gurnalysy




Futurologiki konsepsiyalar




Onumcilik - oturymly etraplaryn gurnalysy




Landsaft tasirli gurnalan meyilnamalar

## 5. Urbanizasion prosessleri we şäher

Urbanizasion prosessleriň ösmegi elmydama senagatyň ösmegi bilen baglanşykly bolup şäher görnüşli durmuşyň giňişlikleýin ýaýramagyny häsiýetlendirýär.

Häzirki zaman urbanizasiýany häsiýetlendirlende bir näçe geçişleriniň bolandygyny aňladýar. Eýsem, XX asyry alamyzda Türkmenistanda şol asyryň başynda Merkezi Aziýa boýunça ilkinji senagat urbanizasiýasy zakaspiýa demir ýoly gurulmagy bilen durmuşa geçip başlaýar. Demir ýol Türkmenistanyň meýdanyny günbatardan gündogara kesip 1140 km uzynlyda täze şäherleriň, şäherçeleriň we stansiýanyň oturum ýerlerini döretdi.

Demir ýoluň ugrynda birnäçe uly özgeriş işleri hem geçirildi, demir ýoluň boýunda araba ýoly guruldy Köpetdagyň eteginde sildan ýoly goraýjy desgalar salyndy: sily saklaýan çaranlar, köprüler, akabalar; Garagum çölünden geçeniňde – süýşme çägeden goramak, ýoluň daş töweregindäki çägeleri berkitme we çöl ösümlikleri etmek we olary gorama işleri geçirildi. Şäherlerde we stansiýalarda suwdan üpjün ediji suw desgalaryny we suw geçirijileri guruldy.

Aşgabat şäheri köne galanyň ýanynda düýbi tutulyp (1881ý.) on ýylyň içinde, ýagny 1904 ý. çenli uly şähere öwrülýär (20 müňden hem gowyrak adamly). Gysga wagtyň içinde merkezi şäher hökmünde ol regionyň halkara söwda hem-de ykdysadiýet merkezi şäheriň funksiýasyny özüne alýar.

XX asyryň ortalarynda senagat we ogrosenagat taýdan urbanizimleşdirlen giňişlikleýin territoriýalar Türkmenistanyň ýerini tutýar.

Garagumyň çäklerinde nebit, gaz, kükürt we başga birnäçe tebigy mineral baýlyklar senagat özgerişleri we senagat urbanizasion prosessleri dünýä belli derejede geçýär.

XX asyryň ikinji ýarymynda senagatyň äpet ösmeginde tebigata erbet täsir edilýär. Şol sebäpli hem urbanizasion prosessler ekologiýa teklipleri bilen baglanşykly bolup senagat urbanizasion başga ugurlar güýçli täsir edýär we düýbinden başga tilsimaty senagatlar durmuşa geçýär.

Urbanizasion prosesslere täze garaýyşlar döreýär: W. Wernadskiniň “Nosfera” we başgada birnäçe nazaryýetler durmuşa sezewar bolup, täze taslama ugurlary emele gelýär.

Türkmenistanda ilatyň ýerleşişiniň shemasy. Türkmenistanyň şähergurluşygyň ösmeginiň häzirki zaman meseleleri we olaryň giňişligine syn. Regional taýdan oturymly ýerleriň topar ulgamlary. (Aşgabat we paýtagt regiony, welaýatlaryň merkezi şäherleri edil topar ulgamlary merkezi ýaly hökmünde). Oturymly ýerleriň topar ulgamynyň ösmeginiň häzirki zaman konsepsiýasy: ilaty ýerleşdirmegiň ýekebir ulgamy; oturymly ýerleriň topar ulgamy.




Toplumlanylan sahergurlusygyn formalarynda tegelek merkezli meyilnamalar



Saherin merkezi we wagt zolaklary

## 6. Şäheri dikeltmek we medeni miraslary gorama

Şäheriň ösmeginde ykdysadiýet we ekologiki şertler we teklipler. Şäheriň ösmeginde iň bir wajyp mesele onuň meýdanynyň ulalmagy bilen baglanşykly bolýar. Sebäbi Türkmenistanda her bir şäheriň daş töweregi ekerançylyk we suwarylýan meýdanlardan ybarat bolup olary täze durmuş guramak üçin köp ýerlerde bozulmaly bolýar.

Ekerançylyk meýdany gadymdan gelýän suwarma ýaplaryny öz içine alypbu bir özbaşdak hojalyk – gidrotehniki ulgam we ony täze ýere geçirmek, gurmak işleri äpet möçberde pul we material serişdelerini harç etmäni talap edýär. Bu ulgam oba oturum ýerleri hem öz içine alyp ýeke bir şäheriň durkuny täzelemekde hem-de obalaryň we ýerli ilatyň bähbidini hem çözmäni talap edýär.

Şähergurluşyk rekonstruksiýa edil gelejekgi islegler boýunça häzirki zaman şäheriň durkuny täzeleme işlerini geçirme maksatlary esasynda ýerine ýetirilýär we öňki könelen şähergurluşyk ulgamyny üýtgetmek we onuň ýerine täze durmuşyň talabyna görä şäheri täzelek. Şol sebäpli hem işiň öňünde rekonstruksiýa meseleleri doly we ykjam kesgitlemeli we rekonstruksiýa iş ýeke bir fiziki ýa-da tehniki iş däl-de, eýsem, sosial, ruhyýet we ynsanparazlyk işleri hökmünde garamaly.

Köne şäher töweregiň ruhyny we onuň esasy ruhyny berýän taryhy alamatlary saklamany taslamada berjaý etmeli. Şäher edil bitewi organ we onuň ösmeginde yzygiderliligi saklama – şähergurluşyk işleriniň medeniýetiniň esasydyr.

Şäher milli medeni baýlyklaryň toplanýan ýeri, şol sebäpli hem şäheriň rekonstruksiýasynda taryhy – medeni ykdysadiýet, ekologiki ugurlar hemmesi şäherde jemlenýär.

Şäheriň planlaşdyryş strukturasy we onuň oňaýlama täri, ulag ýollaryň we köçeleriň täzeleme ýagdaýlaryny çözme. Şäher strukturasynyň ösmeginde häzirki zaman konsepsiýalar.

Şäheriň merkezi, onuň esasy meýdanlary mydama edil ýaşaýyş durmuş ýaly ösmede bolýarlar. Kämilleşdirme işleri jemgiýetiň sosial we durmuş talaplar boýunça.




Ginisligin mastablylygy



Uly saherlerin merkezini tazelemegin kompozitsiyaasynyn cozgutleri

## 7. Şäheriň kompozisiýasynyň esaslary

Şähergurluşygyň kompozisiýasy taslamada işlenip çykarylýar we ol şäheriň hakyky ösmeginde-de durmuşa geçirýär. Şähergurluşyk kompozisiýasynyň çeperçilik taýdan iki ugury öz içine alýar, ýagny: funksional we estetiki meseleleri. Şäheriň giňişlik strukturasynda çeperçilik – emosional görüm taraplarynyň hem çenden uly ähmiýeti bar: şäheriň keşbi, täsiri, bitewiligi, sazlaşygy.

Şäheriň meýilnamasynyň kompozision usullary tarapdan äň edilende olaryň özbaşdak görnüşleri ýüze çykýar, ýagny: geometriki formaly, merkezleşdirlen – töwerek, bir ugurly zolak we inedördül – göniburçly öýjük formaly.

**1. Geometriki formany** çäklendiriji esaslar – şäheriň çäklenme we köçe ýollarydyr. Şäheriň planlaşdyrmasynda üç görnüş sezewar bolýar – merkezleşdirlen, birugurly, gözenek-gözenek. Esasy kompozision usullar – nokat, merkez, aýlaw – kompozision taýdan durnukly belli bir ösmede tarapy ýok;

bir ugur, zolak, tor – köp ugurly ösýän shema, munuň kompozisiýa taýdan iki ugurly öämäni öz içine alýar– durnukly we batly ösmäni oňarýar;

**2. Merkezleşdirlen – aýlaw meýilnama shemasy**

Aýlaw meýilnama aslynda birinji dörän oturumly ýeriň esasynda emele gelýär. Bu shema merkezleşdirlen kompozisiýa diýilýär, sebäbi ol çäklenen meýdanly we bir syhly meýilnamasy bar. Ýöne merkezleşdirlen meýilnamaly şäheri bir durmuşda saklamak kyn we bahymonuň planynyň formasy bozulmak bilen bolýar. Köplenç gyrany aýlaw ýol şäheriň ösmeginde täze strukturaň döremegine sebäp bolup radial görnüşli meýilnama öwrülýär:

- Şöhle hökmünde ösende ýollar biri-birinden daşlaşyp başlap özara baglanşyklylygy ýetirýärler;
- Şäheriň merkeziniň meýdany hemme taraplaýyn ýapyk bolany sebäpli şäher ulanylanda köp funksiýalary ýerleşdirmek kynlaşýar.

**3. Şäheriň bir ugurly – zolak görnüşli meýilnamasy**

bu görnüşli şäheriň meýilnamasynyň esasy gurnalyşy zolak-zolaklardan, ýagny: ýaşaýyş zolagy, senagat we şäheriň merkezi we dynç alyş ýerlerden ybarat bolýar. Esaslary – demir, gara ýollar, derýa we ş.m. ugurlar esasynda gurulýar.

1929ý. binagär J.Milýutin Magnitogorsk şäheriniň meýilnamasynda "funksional – alkym meýilnama ulgamyny" hödürläp bu planlaşdyryş görnüşiň prinsipini düzüp taslama hökmünde yglan etdi. ("Konstruktiwizm" ugry).

Le Korbuzýe ruslaryň konstruktiwizm ideýasynyň esasynda bir ugurly şäheriň meýilnamasyny düzdi (ideýa lineýnogo goroda).

Bir ugurly meýilnamaly prinsipiň her dürli görnüşleri bolýar: birugurly – aýlaw formaly, köp zynjyr görnüşli, bir ugurly – şaha görnüşli we ş.m.

Binagärler: J.Milýutin, F.Raýt, Le Korbýuzýe, E.Maý, O.Kudrawzýew, Mata we Soriýa we başgalar.

**4. Göniburçly – inedördül formaly şäheriň meýilnamasy.**

Bu meýilnamaly kompozisiýa gadymdan bäri ulanylýar – Gadymy Gündogar, antiki Grekleriň we Rimiň döwürlerinden başlaýar. (Gippodama, "ideal" şäherleriň meýilnamasy, Hortum şäheriň meýilnamasy 15 we 17 km taraplary (ähli K.Doksiatis).

“Täze Çardjuý” we Tolýatti şäherleri Korbýuzýaniň Çandigar we L.Kostanyň Braziliýa şäherleri.

**5. Şäherleriň meýdanynyň ösmegi we şäheriň meýilnamasynyň üýtgemegi (transformasiýa).**

Mysallar, taslama shemalary.

## Edebiýat


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhanmedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň "Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertleirni özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin" Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. "Türkmenistanyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasy. "Türkmenistan" gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. "Türkmenisatnyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy". Aşgabat, 2006.
10.В.Владимиров, И.А.Фомин. «Основу районной планировки». Москва 1995г.

## Mazmuny

Sözbaşy..........................................................................................7
Bölüm 1. Etrap taslamasy...................................................................7
Etrap taslamasynyň usuly esaslary
Urbanizasiýa we şähergurluşyk..........................................................8
XX asyrda ilaty ýerleşdirme nazaryýeti............................................14
Etrap taslamaň maksady, görnüşleri,
meseleleri we obýekt..........................................................................17
Etrabyň territoriýasyny subutlama......................................................19
Etrap taslamsynyň yktysadiýet – sosial esaslary…………………….........26
Agrosenagat toplumy..........................................................................30
Inžener – tehniki esaslary...................................................................32
Suw resurslaryny kompleksleýin ulanmak ........................................35
Etrabyň meýdany binagärlik meýilleşdirmek ....................................37
Etrabyň meýilleme strukturasynyň
elementleri we seljeriş usullary...........................................................39
Meýilleşdiriş strukturaň bölekleriniň görnüşleri.................................40
Meýilleme prosessiniň esasy ädimleri.................................................44
Bölün 2. Şähergurluşygyň esaslary......................................................47
Şäheriň binagärlik meýilleme esaslary.................................................47
Şähergurluşykda funksinal konsepsiýa.................................................50
Şäher meýilnamasynyň kompozisiýasy...............................................57
Ýaşaýyş töweregiň ekologiki şertleri....................................................62
Urbanizasion prosessleri we şäher........................................................70
Şäheri dikeltmek we medeni miraslary gorama...................................73
Şäheriň kompozisiýasynyň esaslary.....................................................76
Edebiýat...............................................................................................78